

Abulgazy Bahadur han

# Şejereýi Teräkime

***(Türkmenleriň nesil daragty)***

Elektron görnüşde taýýarlan: Şamuhammet Suwtyýew

Türkmenleriň nesil daragty: («Şejereýi teräkime»)
Kitap türkmen halkynyň geçmiş taryhy barada gyzykly gürrüň berýär. Bu taryhy eser taryhçylar, etnograflar, giň okyjylar köpçüligi üçin niýetlenýär.

Kitap ilkinji sapar türkmen elipbiýinde e-kitap (PDF) görnüşinde çap edildi

2015 ý.

*«Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly», «Şasenem-Garyp», «Zöhre-Tahyr», «Saýatly-Hemra» kimin dürdäne eserlerimiz milletimiziň egsilmez ruhy gorudyr, ynsan ýüreklerini ysnyşdyrýan, dostlugy, doganlygy wagyz edýän adamzat pähiminiň örän seýrek duşýan ajaýyp dürdäneleridir».*

**Türkmenistanyň prezidenti**
**GURBANGULY BERDIMUHAMMEDOW**

## TÜRKMENLERIŇ NESIL DARAGTY (Giriş)

Türkmenleriň Galkynyş hem Bagtyýarlyk zamanasynda peýda bolan bu kitap gadymy ata-babalarymyz hakynda ýazylan taryhy çaklaňja kitaby giň okyjylara hödürledik.
Abulgazy Bahadur (1603—1664) hanyň bu naýbaşy eseri türkmen halkynyň gadymy hem orta asyrlardaky taryhyny öwrenmek üçin az hem bolsa ser salmak ýeterlikdir. Az hem bolsa diýmegimiń sebäbi bu eserdäki wakalar hekaýatlar, taryhy rowaýatlar bilen baýlaşdyrylan, şeýle-de hakyky bolup geçen zatlar hem ýazylypdyr.
Bu eseriň esasy maksady «Oguznama» eserini ýazmaklyga gönükdirilen, ýene-de bir synanyşyklaryň biridir. Şol sebäpli türkmenler Abulgazy Bahadur hana bu eseri ýazyp bermeklerini towakga edýärler, sebäbi ol taryha ökde bolupdyr.

Bu kitaba häzirki wagtlarda Türkmenleriň ünsi juda uly. Sebäbi her türkmen tire-taýpasy bu kitapdan öz, buýsançly, asyl gelip çykyşyny öwrenesi geldi. Şoňa görä-de esasy syn bu Oguznamadaky ýazylan şejere ata-babalaryň atlaryna syn düşdi. Şol synlaryň biri-de Oguz hanyň aslynyň ýagny atasynyň «Mogol» atly biriniň bolmagydyr. Bu syn döwrümizdäki türkmenleri uly dowla saldy. Mogol bu — Mongol dälmi? Esasy ýüze çykan soraglaryň biri Türkmenleriň asly Mongolmy?
Meniň şol syna bolan bir düşündiriş teswirleme galdyrasym gelýär.
Abulgazy Bahadur han gönüden göni Oguz hany, biziň taryhda öwrenip ýören Gunlaryň (Hun) güýçli hökümdary bolan Mete han bilen baglanyşdyrypdyr. Mete han we Gunlar şol döwürde häzirki Mongoliýanyň sebitlerinde ýueçileriń (düýeçi—mongollar) goňşusy bolup ýaşapdyrlar. Belkäm Abulgazy Bahadur han şonuň üçin Oguz hany Mongol asylly diýjek bolandyr, ýa-da syýasat bilen baglanyşykly bolup, onuň pikiriçe bu şeýle kabul edilipdir.
Muňa diňe döwrümizdäki türkmenler dowla düşmedi, taryh ylmy düýpli garşy çykdy. Sebäbi Mete han Mongol asylly dälde, Gun (hun) asylly diýip taryh aýdyp otyr. Onsoň bu kitaby okap şübhelenip oturasy iş ýok. Ondan gerekli taryhy maglumatlary geregiçe alyp ulanyp bolýar.
Bu kitapda diňe bu däl, başga-da beýan edilen wakalar, hekaýatlar şübhelendirýär.
Emma dogry maglumatlar hem bardyr. Gysgaça aýdanymyzda dogry bilen ýalan garylyp biziň günlerimize gelip ýetipdir.
Bu kitaby ilkinji bolup rus elipbiýinde ýazylan, türkmen dilinde 1991-nji ýylda

«Metbugat» merkezinde G. Gurbanow we T. Nepesow dagylar tarapyndan çap edildi.
Kitap hakyndaky şol basgyda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen edebiýaty kafedrasynyň müdiri Nazar Gullaýew şeýle diýýär«Bilşimiz ýaly Abulgazynyň bu eserini geçen XIX asyryň ahyrlarynda A. G. Tumanskiý rus diline geçirip, 1897-njy ýylda Aşgabatda (Ashabat) neşir etdiripdir. Soňra bolsa, akademik A. N. Kononow bu eser üstünde barlag işlerini geçirdi we 1958-nji ýylda Moskwa—Leningratda özbaşdak görnüşinde neşir etdirdi.
Emma nebsimiz agyrsa-da, halkymyzyň gadymy hem orta asyrlardaky geçmişi baradaky şeýle ajaýyp taryhy eseri türkmen alymlarymyzyň özleri welin, şu çaka deňeç çap etmäge synanyşmaga däl, bu dogryda oýlanmadylaram.
Ynha, indi «Hiçden giç ýagşy» diýlişi ýaly, bu gymmatly taryhy eseriň akademik A. N. Kononowyň ylmy göreldesine eýerilip, görnükli alymlarymyz, filologiýa ylymlarynyň kandidatlary, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň pars hem arap dili we edebiýaty kafedrasynyň müdiri, dosent Gandym Gurbanow, Türkmenistan ylymlar akademiýasynyň uly ylmy işgäri Tejen Nepesow tarapyndan çapa taýýarlanan türkmençe teksti biziň elimizde.»
Bu kitaba W. W. Bartold (1869—1930) hem aýratyn baha beripdir, ol «türkmenler hakda ýörite ýazylan bu taryhy eser ýaly eser beýleki türki halklaryň hiç birinde ýokdur» diýip, gaty dogry belläpdir.
Taryhçy, arheolog, professor alym S. P. Tolstow hem bu eser dogrusynda şeýle diýýär: «Şejereýi teräkime» türkmenleriń diňe giçki döwürleri däl, has irki döwür taryhy üçin-de adatdan daşary dokument bolup biler» diýip pikir edýär.
Türkmen halkynyň taryhyny öwrenip gowy bilen alymlaryň biri SSSR ylymlar akademiýasynyň habarçy agzasy, professor A. A. Ýakubowsiki (1886—1953) özüniň ylmy işinde: «Abulgazynyň «Türkileriň nesil daragty» hem «Türkmenleriň nesil daragty» atly eserleri, ylaýta-da olaryň ikinjisi bu prosesi (ýagny täze tire-taýpalaryň hem olaryň birikmeleriniň ýüze çykyş prosesi) belli bir derejede suratlandyran ýeke-täk çeşmedir» diýip baha beripdir. Sözümiziň soňunda kitapdaky harp ýalňyşlyklary, säwlikler üçin ötünç soraýarys!

(*www.ertir.com*)

## TÜRKMENLERIŇ NESIL DARAGTY

Ol beýik Alla tagala şükür, onuň şan-şöhraty artsyn! Onuň başy-hem ahyry ýok; ýurdy ebedilik, atasy-enesi ýok, aýaly, ogly-gyzy ýok. Ol gedaýdan patyşa çenli, guş-gumursgadan öz ýagdaýyna laýyk, çybyndan Symruga çenli ählisiniň öz ýagdaýyna laýyk yrsgalyny berýär, hiç biriniň paýyny bir günem azaltmaýar.
Eger ýer ýüzünde gögeren agaçlaryň hemmesi döwlet galam bolup, deňizler syýa bolsa, ähli adam perzendi ýazyjy bolup, ýüz müňlerçe ýyllap onuň waspyny ýazsalar-da, ol deňizden bir damja, dagdan bir daşjagaz alandan hem azyrak bolar. Meniň diýýänim näme?! Ähli pygamberleriň ýagşysy, Allanyň dosty, barça perzentlerine iberilen ilçisi bolan ol pygambere sansyz şöhrat hem salam bolsun! Onuň ýaranlaryna, oglanlaryna köpden-köp taňry rehmeti bolsun!

Indi, şundan soň, Çingiziň neberelerinden ürgençli Arapmuhammet hanyň ogly Abulgazy han aýdar:

Köp horluk çekenimizden soň, ýaşymyz otuz dokuza ýetende, 1051-nji ýylda (1637-1638) ýylan ýylynda, Horezm ýurdunda atamyzyň tagtynda oturyp, ýurduň işi bilen meşgullandyk. Ol wagtlar türkmenler Maňgyşlak, Abulhan we Tejen derýasynyň ýakasynda oturardylar. Horezmde oturanlary hem biziň gelýänimizi eşidip, gaçyp, şu aýdylan üç ýurda bardylar. Şondan soň birnäçesi göç bilen, birnäçesi ýol bilen Horezm geldiler hem-de ýagşylary—nöker, ýamanlary raýat boldular.
Şondan soň köp ýyllar geçdi. Türkmeniň mollalary, şyhlary, begleri meniň taryhy gowy bilýänimi eşidipdir-de, bir gün barjasy gelip, arz etdiler:
—Biziň içimizde «Oguznama» köp. Emma arasynda gowusy ýok. Köpüsi ýalňyş, bir-birine gabat gelmeýär, hersi bir dürli. Bir dogry, ynanaýar ýaly taryh bolsa gowy boljak—diýip, haýyş etdiler.
Menem olaryň haýyşlaryny kabul etdim. Sebäbi bu kitaby ýazmazymdan on ýedi ýyl öň, barça türkmenler bize ýagy boldular. Şoňa görä-de, biz olary köp çapdyk. Bir gezegem olar Horasanda Duruna degişli Börme diýen suwuň ýakasynda nyzama durup, biziň bilen uruşdylar.
Taňry bize berdi: başdan ahyra çenli biz sebäpli, ýagşy-ýamandan ýigrimi müň çemesi adamlary öldi. Olaryň içinde günäkärem bardy, bigünälerem.
Pygamber aýdypdyr: «Kal an-nabi, alaýhyssalam: «Edhal us-sorur fi kalb il-momen haýrun min ynadatihi-s-sakaleýn». Manysy şeýle: «Eger bir adam bir

musulman kişiniň köňlüni şat etse, onuň sogaby hem adam perzentleriniň, jynlaryň hudaýa bendelik edeni üçin beriljek sogapdan köpdür».
Gör, näçe müň adamlar meniň bu aýtjak sözlerim arkaly, öň bilmeýän zatlaryny bilip, köňülleri hoş bolar! Munuň sogaby eger şol köpçülikleýin gyrlyşykda günä iş edilen bolsa, şondan artyk geler diýip, onsoňam bir gün bir adam bu kitaby okap, öň bilmeýän zadyny bilse, biziň ruhumyza pata okar diýip hudaýtagaladan umydym bar.
Şeýdip, şu kitaby ýazmaga başladyk hem-de kitaba «Şejereýe terakeme» diýip at goýduk. Hemmäňiz biliň: bizden öň türki dilde taryh ýazanlar arap sözlerini goşupdyrlar, parsçany hem goşupdyrlar, türki sözleri-de kapyýa salypdyrlar. Olar şeýle etmek bilen, özleriniň hünärlerini hem ussatlyklaryny halka görkezmek isläpdirler. Bu kitaby okajagyň hem diňlejegiň türki kowumlardan boljakdygy sebäpli, biz bularyň hiç birini-de etmedik.
Olaryň hemmesi düşüner ýaly, türki kowumlara türki dilde aýtmak gerek ahyry! Biziň aýdan sözümize düşünseler, ondan ne hasyl?! Eger olaryň içinde bir ýa iki okuwly, akylly adam bolup, düşünäýende hem, ol düşünmeýän köpçüligiň haýsy birine aýdyp bersin? Şoňa görä-de, ýagşy-ýaman, ählisi düşünip, köňüllerine makul bolar ýaly aýtmak gerek.
Indi, Adamdan tä şu wagta — 1071-nji (1660 — 1661) ýyla çenli türkmenler hem soň türkmen adyny göterip, türkmene goşulan iller hakda bilýänimizi birin-birin aýdalyň. Bilmeýänimize alaç ýok.

**Adam aleýhissalamyň beýany**

Hudaý tagala—Toprakdan adam ýasap, jan berip, ony ýer ýüzünde öz ornumda oruntutar goýjak—diýip, perişdelere aýtdy.
Onda perişdeler:
—Olar (ýagny ynsanlar) ýokardan berlen jany saklap bilmezdiler. Şol sebäpden saňa boýun egmezler, ýaradanyň öler durar—diýdiler. Hudaý tagala:
—Meniň bilýänimi siz bilýän dälsiňiz. Siz gidiň-de, toprakdan bir adamyň suratyny ýasaň!—diýdi.
Ezraýyl aleýhissalam, hudaýyň buýrugy bilen bütin ýer ýüzündäki dürli toprakdan alyp, Mekgeýe mugazzyma bilen Taýyfyň arasynda şol toprakdan palçyk edip, Adamyň suratyny ýasap ýatyrdy. Birnäçe ýyl geçensoň, hudaý tagala oňa jan berdi. Ol müň ýyl bu dünýäde ýaşady. «Adam» diýmeklik arap sözi bolup, araplar derä «adam» diýýärler. Her bir zadyň daşyna «deri» diýýärler. Perişdeler topragy alyp, Adam suratyny ýasadylar. Şoňa görä-de oňa «Adam» diýdiler.

Adamyň behişde barşy, ondan çykyşy, ýer ýüzünde ýaşaýşy hakda gürrüň il içinde meşhur bolany üçin ony aýtmaýarys.
Adamyň öler wagty geldi. Ol Şeýs atly ogluna: «Mundan soň sen meniň ýerimde oturyp, oglanlaryma baş bolgun» diýip, köp nesihatlar etdi. Ol bu dünýäden o dünýä gitdi. Ondan soň Jebraýyl, alaýhyssalam, hudaý tagaladan Şeýse bir kitap alyp geldi. Şeýs hem pygamber, hem patyşa bolup, il-güne adalatly garap, dokuz ýüz on iki ýyl ýaşap, jennet köşgüne gitdi. Şeýsiň manysy «Hudaýyň haýbaty» diýmekdir.
Şeýs öler wagtynda ogly Anuşy ýerinde otyrdyp gitdi. Anuş hem kakasynyň we atasynyň aýdanlaryna amal edip, kakasy ýaly dokuz ýüz on iki ýyl bu menzilde oturyp, ol menzile gitdi. Anuşyň manysy «Sadyk, dogruçyl, çynlakaý» diýmekdir.
Anuş hem öleri ýakyn gelende ogly Kynany ýerinde oturdyp, köp nesihat hem wesýet etdi. Ol hem sekiz ýüz kyrk ýyl atasynyň ýörän ýolundan ýöräp, ogly Mehlaýyly öz ýerinde oturyp, taňrynyň ýanyna gitdi. Mehlaýyl zamanynda adam perzendi köp boldy, oturan ýerine sygyşmadylar. Şol sebäpden Mehlaýyl Babyl ýurdyna baryp, bir şäher saldy. Adyna Sus goýdy. Tam, öý saldy, obalar gurdurdy. Ondan öň şäher, oba, öý ýokdy. Daglaryň gowagynda ýa jeňňelde oturar ekenler.
Mehlaýyl: «Ýer ýüzüne pytraň» diýip, höküm etdi. Adamyň ähli perzentleri Mehlaýylyň buýrugy bilen baryp nirede mynasyp ýer bolsa obalar gurdular. Mehlaýyl dokuz ýüz ýigrimi ýyl şol aýdylan şäherde ýaşap, ogly Beredi ýerinde oturdyp dem alynmaýan şähere gitdi. Bered hem dokuz ýüz altmyş ýyl ýurtda ýaşap, Ahnuhy ýurdunda goýup, göçmez-gonmaz ýurduna gitdi. Oglunyň ady Ahnuhdy, lakamy—Idris. Hudaý tagala ony pygamber etdi. Segsen iki ýyl pygamberlik etdi. Segsen iki ýyl pygamberlik etdi, halky dogry ýola ündedi. Ondan soň taňrynyň buýrugy bilen Ezraýyl gelip, Idris alaýhyssalamy ganatynyň üstünden tä şu wagta çenli jennetde.
Idris jennete barandan soň, ogly Müteweşleh atasynyň ornunda oturdy. Adalatly höküm sürdi. Näçe ýaşany belli däl. Ol atasynyň baran ýerine bardy. Ondan soň Müteweşlehiň ogly Leýmek atasynyň ýerinde oturyp, köp ýyllar adyllyk bilen häkimlik etdi hem-de atasynyň giden ýoluna düşüp gitdi. Onuň hem näçe ýyl ömür süreni belli däl. Ondan soň ogly Nuh ýüz elli ýaşa ýetende hudaý tagala oňa pygamber berdi. Ýedi ýüz ýyllap halky dogry ýola ündedi. Erkek hem aýal adamdan segsen kişi oňa ynandylar—iman getirdiler. Ýedi ýüz ýylyň içinde segsen adamdan başga kişiniň özüniň pygamberligine ynanmandygyna gaharlanyp, halka ýaramaz doga etdi, gargady. Jebraýyl gelip: «Hudaý tagala seniň dogaňy kabul etdi. Pylan wagtda halky suwa gark

etmekçi. Sen gämi ýasan» diýip oňa gäminiň nähili ýasalýandygyny görkezdi. Ýerden suw çykdy, asmandan ýagyş ýagdy. Ýer ýüzündäki janly zadyň ählisi gark boldy. Nuh pygamber üç ogly hem özüniň pygamberligine ynanan segsen kişi bilen gämä mündi. Birnäçe aýdan soň, ýer hudaý tagalanyň buýrugy bilen suwy özüne çekdi. Gämi Mosul şäheriniň ýanyndaky Judy diýen dagdan çykdy.

Gämiden düşen adamlaryň barysy keselledi. Nuh pygamber üç ogly hem üç gelni bilen ýagşy boldy. Ondan başga kişileriň barysy öldi. Şondan soň Nuh pygamber üç oglunyň her haýsyny bir ýere iberdi. Sam atly ogluny Eýran ýerine iberdi. Ýafes atly ogluny demirgazyk polýusa tarap iberdi. Üçüsine-de: «Adam perzentlerinden siziň üçiňizden başga adam galmady. Indi üçüňiz üç ýurtda ýaşaň. Her haçan oglan-uşagyňyz köp bolsa, ol ýerleri ýurt edinip oturyň» diýdi. Ýafesi käbirleri pygamber hasap edýärler, käbirleri bolsa «ol pygamber däl» diýýärler.

Ýafes atasynyň buýrugy bilen Judy dagyndan gidip, Itil hem Ýaýyk derýasynyň ýakasyna bardy. Iki ýüz ýyllap şol ýerde ýaşady hem aradan çykdy. Sekiz ogly bardy. Çagalary örän köpdi. Oglanlarynyň ady şular: Türk, Hazar, Saklap, Orus, Miň, Çyn, Kemary, Taryh

Ýafes öler wagty gelende, uly ogly Türki ýerinde oturdyp, beýleki oglanlaryna: «Türki özüňize patyşa hasaplap, onuň sözünden çykmaň» diýdi. Türke «Ýafes oglany» diýip lakam goýdular. Örän edepli hem akylly kişidi. Atasyndan soň ýerlerini aýlanyp gördi. Bir ýeri halap, şol ýerde oturdy. Bir gün ol ýere «Yssyk köl» diýýärler. Çadyr—öýi şol oýlap tapdy. Türkleriň arasyndaky käbir düzgünlerem şondan galdy.

Türküň dört ogly bardy. Birinjisi—Tütek, ikinjisi—Jekel, üçünjisi—Bersejer, dördünjisi—Emlak. Türk öler wagty gelende, Tütegi öz ýerine patyşa belläp, uzak sapara gitdi.

Tütek akylly hem döwletli, ýagşy patyşady. Türkleriň içindäki köp resmi-düzgünleri şol tapdy. Eýran payşalarynyň ilkinji Keýumers bilen döwürdeşdi. Günlerde bir gün ol awa çykyp keýik öldürip, kebap iýip oturdy. Elinden bir dogramça et ýere gaçdy. Ony alyp iýdi. Görse, agzyna örän tagamly geldi. Sebäbi şol ýer duzluk ýerdi. Nahara duz atmagy şol çykardy. Häzirki duzlamak düzgüni şondan galypdyr. Iki ýüz kyrk ýyl ýaşandan soň, ogly Emelje hany öz ýerinde oturdyp, ol «Barsa-gelmez» diýen şähere gitdi. Emelje han hem köp ýyllap patyşalyk edip, aşlaryny iýip, ýaşlaryny ýaşap, atasynyň yzyndan gitdi. Öler wagty gelende, ogly Bakuý Düýp hany öz ýerinde oturtdy. «Düýp» sözüniň manysy «tagtyň ýeri» diýmekdir. «Bakuý» sözüniň manysy bolsa «il ýaşulysy» diýmek bolýar. Ol hem köp ýyllar

patyşalyk edip, dostlarynyň gülenini, duşmanlarynyň aglanyny görüp, guwanyp, ondan soň öler wagty gelende, ogly Gök hany tagtynda oturdyp öldi. Ol hem köp ýyllar patyşalyk etdi. Atasynyň ýolundan çykmady. Keselledi. Ogly Alynja hany öz ýerinde oturdyp, uzak sapara gitdi.
Ol (Alynja) hem köp ýyllar patyşalyk etdi. Welaýatlary, il-uluslary atalarynyňkydan köp boldy. Onuň ekiz ogly boldy. Biriniň ady Tatar, beýlekisiniň ady Mogol. Atasy garrandan soň, ýurdy iki bölüp, ogullaryna berip, dünýäden ötdi. Alynja han ölenden soň, Tatar hem Mogol her haýsysy öz ýerlerinde patyşalyk etdiler. Mogol hanyň dört ogly bardy. Ulusynyň ady Gara han, ikinjisi Kör han, üçünjisi Gyr han, dördünjisi Ur han.
Mogol han uly ogly Gara hana ýurduny berip, ähli kişiniň barýan ýurduna gitdi. Gara han ýaz paslyny Ur dag hem Kör dag diýen daglarda geçirerdi. Häzir oňa Uly dag we Kiçi dag diýýärler. Gyşyny bolsa Syr derýasynyň aýaklarynda, Garagumda hem Bursukda geçirerdi.

## Oguz hanyň dünýä inmeginiň beýany

Gara hanyň uly aýalyndan bir ogly boldy, görki aý-günden artyk. Üç gije-gündiz enesini emmedi. Ol oglan her gije enesiniň düýşüne girip: «Eý, eje, musulman bolgun, eger bolmasaň, ölsem ölerin, ýöne seni emmerin» diýer eken. Ejesi ogluna dözmän, Taňrynyň birligine iman getirdi. Şondan soň ol oglan ejesini emdi. Ejesi gören düýşüni hem musulman bolanyny hiç kime aýtmady, gizledi. Çünki türk halky Ýafesden tä Alynja hanyň zamanyna çenli musulmandylar. Ýöne Alynja hanyň zamanyna çenli musulmandylar. Ýöne Alynja han patyşa bolandan soň, halkyň başy hen maly köp boldy. Döwlete ýetip men-menlik etdiler hem-de taňryny unutdylar. Barça il kapyr boldy. Gara han zamanynda kapyrlyk şeýle bir pugtalandy welin, hatda eger atasynyň musulman bolanyny eşitse, ogly ony öldürerdi.
Şol wagtlar Mogolyň şeýle bir däp-düzgüni bardy: oglan tä bir ýaşaýança oňa at dakmazdylar.
Oglan bir ýaşady. Gara han ile jar çekdirdi hem uly toý etdi. Gara han toý güni oglany märekäniň içine getirip, beglerine ýüzlendi: «Biziň bu oglumyz bir ýaşyna ýetdi. Indi muňa nähili at goýarsyňyz?» Begler jogap bermezden oglan: «Meniň adym Oguz» diýdi.

Beýt

Şol bir ýaşan oglan şol ýerde rowan,
Dile gelip diýdi: «Biliňler aýan!

Meniň adym—Oguz—hysrow-y namwer,
Biliňler anyk barça ähl-e hünär.

Toýa gelen uly-kiçiniň hemmesi bu söze geň galdylar hem-de «Bu oglanyň özi öz adyny aýdyp dur, mundan ýagşy at bolarmy?!» diýip, adyna Oguz goýdular. «Bir ýaşan oglanyň beýdip geplänini hiç kim görenem däldir, eşidenem däldir —diýip, ony yrym etdiler.—Bu oglan uzak ýaşar, uly döwletiň, uç-gyraksyz ýurduň eýesi bolar».
Oguza dil bitende: «Alla! Alla!» diýer ýörerdi. Ony kim eşitse-de: «Çagadyr-da, dil bitmänsoň näme diýýänini bilýän däldir» diýerdi. Çünki «alla» sözi arapça. Mogollaryň atalarynyň hiç biri arap dilini eşitmändi. Hudaý tagala Oguzy eneden dogma weli ýaradypdy. Şoňa görä-de, onuň kalbyna hem diline öz adyny salardy.
Oguz ýigit awa çykdy. Gara han oňa inisi Kör hanyň gyzyny alyp berdi. Oguz hiç kim ýok wagty gyza ýüzlendi: Älemi, seni, bizi ýaradan bar, onuň ady «Alla». Ony bar hasapla, özünem bir hasapla, onuň buýranyndan başga işi etme». Emma gyz ony kabul etmedi. Şol wagt ýerinden turup, gyzdan başga ýerde ýatdy. Gijeler aýra ýatyp, gündiz gepleşmedi. Birnäçe wagtdan soň soň Gara hana: «Ogluňyz gelnini halamaýar, halamaýandygy sebäpli-de, alan gününden bäri bir ýerde ýatmaýar» diýdiler.
Gara han bu sözi eşidip, beýleki inisi Gyr hanyň gyzyny alyp berdi. Oguz oňa hem: «Hudaýa iman getir» diýdi. Ol gyz kabul etmedi. Onuň bilen hem bir ýerde ýatmady.
Bu wakadan birnäçe ýyl geçenden soň, Oguz han awa çykyp, gaýdyp gelýärdi. Görse, suwuň ýakasynda birnäçe gelin-gyz gaýdyp gelýärdi. Görse, suwuň ýakasynda birnäçe gelin-gyz kir ýuwup dur. Kakasynyň inisi Ur hanyň gyzy hem olaryň arasynda-dy. Gürleşmek üçin gyzyň ýanyna adam iberdi. Syrynyň äşgär bolaryndan gorkup, gyzy bir çete çagyrdy. Ant içip şeýle diýdi: «Atam maňa iki gyz alyp berdi. Olary söýmedigimiň sebäbi, men—musulman, olar—kapyr. Her näçe: «Musulman boluň» diýsem, kabul etmediler. Eger sen musulman bolsadyň, seni alardym» diýdi. Onda gyz: «Seň haýsy ýolda bolsaň, menem şol ýolda bolaýyn» diýdi.
Şondan soň Oguz han atasyna aýtdy. Atasy Ur hanyň gyzyny uly toý edip, Oguza alyp berdi. Ol gyz musulman boldy. Oguz ony örän söýdi.
Bu wakadan köp ýyllar geçdi. Bir gün Oguz uzak ýere awa gitdi. Gara han ähli

aýallaryny hem gelinlerini çagyryp, nahar berdi. Gürrüňleşip oturan wagtlary aýalyndan: «Näme sebäpden Oguz soňky alan aýalyny söýýär, öňki alan iki aýalynyň bolsa ýanyna-da baranok?» diýip sorady. Aýaly: «Men bilmeýän. Gelinler gowy bilýändirler» diýdi.
Gara han gelinlerinden sorady. Onda uly gelin: «Ogluňyz musulman bolupdyr. Biz ikimize «musulman bölme» diýdi, kabul etmedik. Kiçi gelniňiz musulman bolupdyr. Şonuň üçinem ogluňyz ony örän gowy görýär» diýdi. Gara han bu sözi eşidenden soň, begleri çagyryp geňeşdi. «Oguzy awda ýörkä tutup öldüreliň» diýen karara geldiler.
Gara han: «Tiz geliň, men awa çykýan» diýip, il-güne adam iberdi. Bu sözi Oguz hanyň kiçi aýaly eşidip, Gara hanyň eden geňeşleriniň baryny aýdyp, Oguz hana adam iberdi. Oguz han hem bu habara eşidenden soň: «Atam goşun çekip, meni öldürmäge gelýär. Men diýeniň ýanyma geliň, atamy diýeniňiz atamyň ýanyna baryň» diýip, il-güne adam iberdi. Halkyň köpüsi Gara hanyň ýanyna geldi.
Gara hanyň inileriniň köp oglanlary bardy. Olar Gara handan aýrylar diýip, hiç kimiň göwnüne gelmeýärdi. Olaryň hemmesi Oguz hanyň ýanyna geldiler. Oguz hem olara «uýgur» diýip at goýdy.
«Uýgur» türk sözi bolup, manysy hemme kişä bellidir: «ýapyşak» diýmekdir. «Süýt uýady» diýýärler. Süýt suwukka, bir-birinden aýrylýar. Gatyk bolandan soň bolsa bir-birine ýapyşýar. Şeýle hem: «Ymama uýdum» diýýärler. Ymam otursa oturar, dursa-durar. Eýsem şu ýapyşak boldugy dälmi?
Olar gelip, Oguz hanyň etegine iki eli bilen pugta ýapyşdylar. Onda han olara «Uýgur» diýdi. Bu «ýapyşak» diýmekdir. Gara han bilen Oguz han ikisi nyzama durup uruşdylar. Hudaý tagala Oguz hany ýeňiji etdi. Gara han gaçdy. Uruşda Gara hanyň kellesine ok degdi, kimiň atanyny bilmediler. Gara han şol ýaradan öldi. Oguz han atasynyň tagtynda oturdy.

## Oguz hanyň han bolanynyň beýany

Oguz han il-günüň barjasyny musulmançylyga çagyrdy. Musulman bolanlaryny sylady, bolmadyklaryny çapdy, özlerini öldürdi, oglanlaryny ýesir etdi. Ol wagtlar Gara hana degişli ilden başga illerem köpdi. Her uly iliň bir patyşasy bardy. Kiçi iller bolsa olara goşulardy. Gara hanyň musulman bolan illeri Oguz hana goşuldy. Oguz han her ýyl Mogol ýurdunda oturan iller bilen urşardy-da ýeňerdi. Netije-de, barjasyny aldy, gaçyp gutulanlary Tatar hanyna baryp gutuldylar.
Tatar halky ol wagtda Jürjüte ýakyn oturardy. Jürjüt diýilýän bir ýurt, şäherleri hem obalary köp. Hytaýyň demirgazyk tarapyndadyr. Hindiler we täjikler oňa

«Çynmaçyn» diýýärler. Oguz han baryp tatar ilini çapdy. Tatar hany uly goşun bilen gelip uruşdy. Oguz han üstün geldi, onuň leşgerini gyrdy. Oguz hanyň leşgeriniň goluna örän köp zat olja düşdi. Hatda ýüklemäge mal azlyk etdi. Bir ýagşy, paýhasly adam bardy. Ol pikirlenip, araba ýasady. Ondan görüp, bar kişi oljalaryny araba ýükläp gaýtdylar. Araba «kanyk» diýip at goýdular. Şoňa çenli ady-da ýokdy, özi-de. Ýörände «kanyk» edip, ses çykarýandygy üçin, oňa «kanyk» diýdiler. Ony ýasan adama «kanykly» diýdiler. Ähli kanykly ili şol adamyň oglanlarydyr.

Oguz han mogol hem tatar bilen süňk garyndaş bolsa-da, ýetmiş iki ýyllap, olar bilen uruşdy. Ýetmiş üç ýyl bolanda olaryň barysyny agzyna bakdyryp, musulman etdi. Ondan soň ýöriş edip, Hytaýy aldy, Jürjüti eýeledi hem-de Tanguty aldy. Tanguta täjikler «Tibet» diýýärler. Ondan soň baryp, Gara hytaýy aldy. Ol hem uly ýurt. Adamlarynyň sypaty hindi ýaly gara. Hindistan bilen Hytaýyň arasynda Tangutdan gündogara, ýaz bolanda一guşlukda bolýar. Hytaýyň aňry ýüzünde, deňziň ýakasynda berk daglaryň içinde köp il bardy. Onuň patyşasynyň adyna Itbarak han diýýärdiler. Onuň üstüne atlanyp bardy, uruşdylar. Itbarak han üstün çykdy. Oguz han gaçdy. Urşan ýeriniň bäri ýüzünde akyp duran iki sany uly derýa bardy. Şol iki derýanyň arasynda birnäçe gün saklanyp, gaçan leşgeriniň öňüni-yzyny ýygnady.

Uly patyşalaryň şeýle bir adaty bar: uzak sapara gidenlerinde aýallaryny ýany bilen äkidýärler. Nöker halkynyň hem käbiri ýany bilen äkidýär. Oguz hanyň bir begi hem öz aýalyny ýany bilen alyp barypdy. Özi uruşda öldi. Aýaly gaçyp gutulyp, iki suwyň arasynda hanyň yzyndan ýetdi. Aýagy agyrdy, burgusy tutdy. Howa sowukdy. Girmäge öý ýokdy. Bir çüýrük agajyň köweginde oglan dogurdy. Muny hana mälim etdiler. Onda han: «Munuň atasy biziň gözümiziň öňünde öldi, hossary ýok» diýip ogullyk aldy. Adyna «Gypjak» goýdy. Gadymy türk dilinde içi boş agaja «Gypjak» diýer ekenler. Ol oglanyň agajyň içinde dogany sebäpli, adyna Gypjak goýdular. Häzirem içi boş agaja «jypjak» diýýärler. Gara hana degişli halkyň dili öwrülmänsoň, «k» sesini «j» diýip aýdýar. Şoňa görä-de «gypjaga» «jypjak» diýýärler.

Ol oglany han öz golunda saklady. Ýigit çykanyndan soň, Orus, Ulak, Majar we Başgyrt illeri Oguz hana ýagy boldy. Gypjaga köp il nöker berip, ol tarapa 一Tin we Itil derýasynyň ýakasyna iberdi. Gypjak ol ýerlerde üç ýüz ýyl patyşalyk etdi. Ähli gypjak ili onuň neslindendir. Oguz hanyň zamanyndan Çingiz hanyň hanyň zamanyna çenli Tin, Itil we Ýaýyk一bu üç derýanyň ýakasynda gypjakdan başga il ýokdy. Dört müň ýyllap ol ýerlerde oturdylar. Şonuň üçin ol ýerlere «Deşt-i Gypjak»一«Gypjak sährasy» diýerler.

Çingiz han Eýranyň hem Turanyň üstüne gelende bu ýurtlaryň patyşasy Soltan

Muhammet Horezmşady. Onuň paýtagty Ürgençdi. Ol Çingiz han bilen urşup bilmän, gaçyp Mazenderana gitdi. Çingiz han Buharany, Samarkandy, Daşkendi alyp, Jebe noýon, Subudaý batyr diýen iki begini baş edip, otuz müň adam bilen Yraga, Gilana, Mazenderana, Azerbeýjana we Gruziýa iberdi. Kiçi ogly Tuly hany elli müň adam bilen Horasana iberdi. Soltan Muhammet Horezmşanyň paýtagty, nökeriniň hem hazynasynyň duran ýeri diýip, uly ogly Juçi hany, ikinji ogly Jagataý hany, üçünji ogly Ugedeý hany — bu üçüsi segsen müň adam bilen Ürgenje iberdi. Ürgençde patyşa ýokdy. Soltanlar dünýä maly hem din üçin sekiz aý şäheri bermän uruşdylar. Dokuzunjy aýda Çingiz hanyň ogullary şäheri aldylar hem halkyny gyrdylar. Jagataý bilen Ugedeý gaýdyp Termeze, atasynyň ýanyna bardylar.
Juçi özüniň nökeri bilen Ürgençden Deşt-i Gypjaga bardy. Gypjak halky ýygnanyp uruşdylar. Juçi han üstün çykdy. Gypjak iliniň gola düşenini öldürdiler, gaçyp gutulany iştýaga bardy. Häzirki wagtda iştiýagyň köpüsi şol gypjagyň neslindendir. Itil bilen Tin suwunyň arasynda oturan gypjaklar dört tarapa gaçyp gitdiler. Köpüsi Çerkes we Tuman ýurduna bardylar. Juçi han gypjaklaryň oglan-uşagyny olja edip, Gypjak ýurdunda oturdy. Öz öýüni we atasynyň beren illeriniň baryny Mogoldan getirdi. Özbegiň her urugyndan Gypjak ýurduna göçüp geldiler. Ondan soň Juçi han öldi we ýurt Söýün hana galdy. Juçi hanyň oglanlaryndan ýigrimi dört kişi ol ýurtda patyşalyk etdiler. Onuň zamanynda ol ýurda «Söýün han ýurdy» diýerdiler.
Ondan soň ol ýurt mangytlaryň eline geçdi. Olaryň birinjisi ak mangytly Gutly Gyýalynyň ogly Edigi begdi. Şondan soň oňa Mangyt ýurdy diýdiler. 1040-njy (1660—1661) ýylda, syçan ýylynda, indi ol ýurda Galmyk ýurdy diýýärler.
Hawa, bu dünýä bir gala meňzär, adam nesilleri kerwene meňzär, biri göçer, biri gonar.
Oguz han Itbarak handan ýeňlenden on ýedi ýyl soň, ýene atlanyp baryp, Itbarak han bilen uruşdy, basdy Itbarak hany öldürip, ýurduny alyp, musulman bolanlaryna degmän, taňra iman getirmediklerini öldürip, oglanlaryny ýesir edip, öýüne geldi.

**Oguz hanyň Turan we Hindistana ýörişiniň beýany**

Oguz han bütin mogol hem tatar iliniň goşunlaryny jemläp, Talaş we Saýrama geldi. Daşkent, Samarkant, Buhara patyşalary sap tartyp urşup bilmediler, uly galalara hem şäherlere gelip, özi gabady, Türküstan bilen Andijany alyp, atasynyň ýanyna geldiler. Oguz han bu aýdylan welaýatlaryň hemmesine

häkim belläp, Samarkanda tarap ugrady, onsoň Samarkandy alyp, oňa häkim belledi. Buhara ugrady. Buharany hem alyp, oňa häkim belledi. Balha ugrady, Balhy hem alyp, häkim goýup, Gur welaýatynyň üstüne ýöredi.
Gyşdy, günler örän sowukdy. Guruň daglaryna gar örän köp düşüpdi. Goşunlaryň ýöremegi kynlaşypdy. Han şeýle höküm berdi: «Hiç kim menden galmasyn». Baryp Gury aldylar. Soň ýyl çalşyp, ýaz çykdy. Goşundakylaryň sanyny aldy, birnäçe adam kem geldi. Olar barada soranda, hiç kimse bilmedi. Birnäçe günden soň, olar hanyň hyzmatyna geldiler. Han olardan ahwalyny sorady. Şonda olar aýtdy: «Birnäçe adam bolup goşunyň yzy bilen gelýärdik, dag içinde bir agşam galyň gar ýagdy, ondan soň ýöräp bilmän, şol ýerde ýatdyk. Atlarymyzyň we düýelerimiziň ählisjesi öldi. Ýaz çykandan soň pyýadalap gaýtdyk» diýdiler. Han şonda «Ol jemagata «garlyk» diýsinler» diýip, höküm etdi. Barja garlyk ili şolaryň nesli bolar.
Ondan ötüp, Kabul hem Gaznaýyny aldy. Ondan soň Kaşmiriň üstüne ugrady. Şol wagtlar Kaşmiriň mäkäm daglary, uly derýalary köp. Ýagma oňa arka berip, Oguz hana boýun egmedi. Bir ýyl uruşdylar, iki tarapdan köp adam öldi. Ahyrda Oguz han Kaşmiri aldy, Ýagmany öldürdi, goşunyny bolsa köpçülikleýin gyrdy. Birnäçe wagtlap şol ýerde galdy, soň gaýdyp Badahşanyň üsti bilen Samarkanda geldi. Ondan Mogolystana baryp, öýüne düşdi.

**Oguz hanyň Eýran, Şam we Müsüre ýörişiniň beýany**

Bir ýyl ýurdunda durup, ikinji ýyly ile jar çekdirdi: «Eýran tarapa ýörişe gitjek, köp ýylyň üpjünçiligini görsünler». Ikinji ýyly atlandy we Talaş şäherine ýetdi. Han goşunyň yzynda adamlary goýardy we olar ýadan hem ajygan, azaşan hem ýiten adamlary alyp gelerdi. Ol adamlar goşun yzynda galan bir maşgalaly adamyny hanyň ýanyna alyp geldiler. Han ol kişiden sorady: «Näme niýet bilen yza galypdyň?». Ol aýtdy: «Iýer-içer ýaly zadymyň azlygy üçin goşunyň yzy bilen gelýärdim. Aýalym göwrelidi, dogurdy. Açlyk sebäbinden enesiniň süýdi oglana ýetmeýärdi. Gelýän mahalym suwuň ýakasynda bir şagalyň bir sülgüni alanyny gördüm. Agaç bilen şagaly urup goýberdim. Şagal sülgüni taşlap gaçdy. Ony alyp, kebap edip, aýalyma iýdirip otyrdym. Soňra siziň goýan adamlaryňyz ýolugyp, meni alyp geldiler».
Han ol pakyra at, azyk hem mal berenden soň: «Bu goşuna barma!» diýip, oňa «Gal aç» diýdi. Barja «Kalaç» ili şu adamyň neslindendir. Bu wagtda «Halaç» diýýändirler, Mawerannahrda ýaşaýandyrlar, aýmak iline gatyşandyrlar. Balha degişli Gur diýen şäherde oturýan halaçlarda ady Muhammet, lakamy Bagtyýar diýen bir pälwan bardy. Hindistanyň Deli diýen şäherinde Kutbetdin diýen bir musulman patyşa bardy. Muhammet baryp oňa nöker boldy. Birnäçe

ýyldan soň uly beg boldy. Hindistan diýenleri bölek-bölek köp ýurtlardan ybarat bolup, onuň Bahar atly bir ýurdy bardy. Ol Kaşmiriň ýanyndady. Kutbetdin Muhammet Bagtyýary goşunbaşy edip oňa iberdi. Muhammet Bagtyýar baryp Bahar ýurdyny aldy. Baharyň gündogarynda ýene-de bir ýurt bardy, onuň uly şäherleriniň biriniň ady Lekmirdi. Onuň togsan ýaşly bir patyşasy bardy, ata-babadan ol ýurduň patyşasydy. Baryp ol ýurdy aldy, näçe ýyllardan bäri toplan hazynasyny-da ele düşürdi.
Lekmiriň demirgazyk tarapynda ýene bir uly şäher bardy, ady Lektunydy. Baryp ony-da aldy we hutbany öz adyna okadyp, zikge pula hem öz adyny urdurdy. Lektuny şäherini paýtagt edinip oturdy. Kalaç ilinden on müň adam onuň ýanyna ýygnandy. Köp ýyllar şonda boldy.
Lektuny bile. Tibetiň arasy atly kişi (uzaklygy) bir ýatsa barýan ýerdi. Emma bir belent dag bolup, onda bir ýol bardy, bir atly ýöräp bilýär, iki atly ýanaşyp ýöräp bilmeýär. Muhammet Bagtyýar on müň atly we otuz müň pyýada goşun bilen şol ýoldan baryp Tibeti çapyp geldi, birnäçe günden soň wepat boldy. Barja kalaç halky üýşüp, Şiran diýen adamy patyşa göterdiler. Ol ölenden soň Merdan diýen kişini patyşa göterdiler. Merdan ýyndam hem mergen ýigitdi. Emma akylly weli ýokdy. Şeýle ýagdaýda, bir gün kabul edişlikde oturan mahaly öz beglerine bakyp: «Yspyhany, pylany, saňa berdim. Kazmini saňa berdim...» diýdi. Şu hili gepläp, Horasan, Yrak, Rumuň, adyny bilýän ençeme şäherleriň bir-bir atlaryny tutup nökerlerine paýlady, «Taňrym berse sizlere bereýin diýmedi» diýmedi. Şeýle diýen bolsa aýyp boljak däldi. «Meniň welaýatlarymdyr, sizlere berýärin» diýip, tagzym etdirdi. Bir gün bir adam haraý isläp, zeýrenip: «Men bir söwdegar, gije pylança müň teňňämi ogry alypdyr» diýdi. Ondan: «Sen özüň niräniň adamy bolarsyň?» diýip sorady. Söwdegär: «Yspyhanly bolaryn» diýdi. Oňa: «Teňňäň üçin saňa Yspyhanyň häkimligini berdim!» diýdi-de, diwan mürzesine: «Hökümi ýaz» diýdi. Ol Yspyhanyň häkimligini söwdagäriň adyna ýazyp, möhür urup, goluna berdi. Söwdagär gorkusyndan bir söz aýdyp bilmän, hökümi alyp başyna sançdy. Kabul edişlikde oturan jemagat hem gorkularyndan hiç zat edip bilmediler. Bir akylly begi bardy, ol aýtdy: «Patyşahym, muňa Yspahynyň häkimligini berdiňiz. Bu adam eger mundan Yspyhana ýeke barsa, siziň abraýyňyza ýaman bolar. Bu adama ýeterlik zatlar berseňiz, ol goşly we nökerli bolup barsyn» diýdi. Ol betbagtyň şol sözi köplüge makul gelip, oňa ýüz teňňe sylag berdi. Emma bu wakanyň bir ýaman ýeri boldy: ol şondan soň kalaç halkynyň ýagşy adamlaryny bigünä ýerden öldürip, Öwez diýen adamyny Lektuny tagtyna oturtdylar.
Ol hem on iki ýyldan soň öldi.
Ondan soň ol ýurt kalaçlaryň golundan çykdy, özge kişiniň eline düşdi. Ondan

soň kalaçlar nöker boldular. Kalaçlaryň patyşalygy başdan ahyra elli dört ýyl dowam etdi. Indi kalaçlar baradaky sözümizi goýalyň, munça aýtdyk, besdir.
Oguz han Talaşdan ötüp, Samarkant we Buhara gelip, Amy suwundan geçip, Horasana ýetdi. Şol çaklarda Eýran ýurdunda gowy patyşalar ýokdy. Keýumers ölüpdi. Hüwşeňi heniz patyşa götermändiler. Şol hili wagtlara araplar «muluk ut-tawaýyf» diýýärler. Onuň manysy «her bir bölek ilde bir häkim» diýmek bolar.
Türki kowumlar ol hili wagta: «öý başyna gara han» diýerler. Manysy: «Her öýde gara kişi bir han bolup oturýar, her öýe bir han» diýmek bolar. Şol wagtlar Eýran ýurdy şunuň ýalydy.
Oguz Horasany aldy, ondan ötü, Yrag-e ajamy, Yrag-e araby, Azerbeýjany, Ermeni, Şam we Müsüre çenli aldy. Bu aýdylýan ülkeleriň birnäçesini urşup we barjasyny boýun egdirip, özüne degişli etdi. Oguz han Şam welaýatynda duran mahaly, ýaşyrynlyk bilen bir nökeriniň golunda bir altyn ýaý hem üç oky berdi-de: «Ýaýy gündogarda bir çölde kişi aýagy ýetmejek bir ýerde topraga gömüp, bir ujuny çykaryp goýgul. Oklary günbatar tarapa eltip, ýaýy nähili goýan bolsaň, ony hem şol hili goýgun» diýdi.
Ol kişi buýruga amal edip, dolanyp geldi.
Bu wakadan bir ýyl ötenden soň, üç uly ogly Gün, Aý we Ýyldyz hany çagyryp aýtdy: «Ýat ýurda gelip, işimiň köplüginden meniň aw awlamaga elim degmeýär. Gündogar tarapda pylan çölüň awy köpmüşin diýip eşitdim. Öz nökerleriňiz bilen ol ýere gidip, aw tutup geliň!» diýdi. Ondan soň üç kiçi ogly Gök, Dag we Deňiz üçüsini çagyryp, olaryň agalaryna aýdan sözlerini aýdyp, günbatar tarapa iberdi.
Birnäçe günden soň üç uly ogly bir altyn ýaý bilen köp awy Oguz hanyň öňüne getirdiler. Ol awlaryň etlerine ýene köp etleri we dürli naharlary goşup, halky çagyryp, ýaýyň we okuň tapylanyny yrym edip, özlerine gaýtaryp berdi. Üç uly ogly ýaýy döwüp, paýlaşdylar, üç kişi ogly her haýsy bir oky aldy.
Alan ülkelerinde köp ýyllar ýaşap, duşmanlary ýok edip, dostlaryny saýlap, başy Saýram, aýagy Müsüre çenli alan welaýatynyň barjasyna häkimler goýup, gaýdyp gelip, öz ýurtlaryna düşdüler.

**Oguz hanyň öz ýurduna gelip toý tutuşynyň beýany**

«Oglanlarym, halkym bilen esen-aman baryp geldim» diýip, uly toý ýaragyny tutup, bir çadyr gurdurdy. Barja agaçlaryň daşyna altyn gaplatdy, lagl we ýakut, zümerret we firuza, dür bilen bezetdirdi. Bu beýdi şol öýüň tarypy üçin aýdypdyrlar:

Beýt

Bir öý dikdi altyndan ol şähriýar,
Kim ol öýden pelek öý(i) kyldy aar.

Dokuz müň goýun we dokuz ýüz ýylky öldürtdi. Gönden togsan dokuz howuz etdirdi, dokuzysyna arak, togsanysyna gymyz doldurtdy. Barça nökerlerini çagyryp getirtdi. Ol öz alty ogluna köp nesihatlar berip we beglerine öwredip, ýurtlar, şäherler hem sylaglar berdi. Bu beýtleri onuň tarypy üçin aýdypdyrlar:

Şygyr

Oguz kyldy ol toýda çyrgamyş,
Bu alty ogluny söýürgemiş,

Bular görkezip erdi merdanalyk,
Ata birle köp dürli ferzanalyk.
Ataga (anlar), bes, kyldylar ýarlyk,
Uruş gün(ler)inde barjasy barlyk.

Ondan soň barja nökerleriniň atan, çapan, eden hyzmatlaryna laýyk şäherler, serhetler, obalar we sylaglar berdi. Ýene oglanlaryna aýtdy: «Siziň üç ulyňyz altyn ýaýy tapyp getirdiňiz, ýene ony bozup paýlaşdyňyz. Siziň adyňyz «Bozuk» bolsun. Sizden önenler oglanlara hem tä kyýamata çenli «bozuk» diýsinler. Tapyp getiren ok we ýaýyňyz—ol kişiden bolmady, taňrydan boldy. Bizden öň öten halklar ýaýy patyşa ornunda bilip, oky ilçi hasap edipdirler. Sebäbi ýaý oky haýsy tarapa atsa, ok şol tarapa-da gider. Indi, men ölenimden soň, Gün han meniň tagtyma çykyp otursyn. Ondan soň «bozuk» neslinden her kim ukyply bolsa, halk ony patyşa götersin. Dünýä ahyr bolynça «bozugyň» bir ýagşy kişisi patyşa bolsun, özgeleri öňde otursynlar. «Üç oklar» çepde bolsunlar, öýüň çep tarapynda otursynlar hem-de dünýä ahyr bolynça nökerligine razy bolsunlar» diýip aýtdy we ýüz ýene on alty ýyl patyşalyk edip, hakyň rehmetine gitdi.
Oguz hanyň ogly Gün hanyň patyşalygynyň beýany

Oguz hanyň «Uýgur» diýip at goýan jemagatynyň ýaşulusynyň hem aksakalynyň bir goly bardy, ady Arkyl (!) hojady. Oguz han atasynyň tagtynda oturandan tä ölinçä weziri, wekili şoldy. Akylly hem bilimli, örän ylymly kişidi. Gün han ýene ony wezir edip, tä özi ölinçä weziri, wekili şoldy. Akylly

hem bilimli, örän ylymly kişidi. Gün han ýene ony wezir edip, tä özi ölinçä onyň sözüne amal etdi. Arkyl hoja uzak ýaşady.
Günlerde bir gün han ýeke oturan mahalynda Arkyl hoja aýtdy: «Ataň ýüz on alty ýyllap, tomsuň yssysynda saýada oturman, gyşyň sowugynda öýde bolman, gylyç urup, köp ýurtlary alyp, siziň altyňyza goýup gitdi. Eger siz altyňyzyň, sizden bolan barçalaryňyzyň agzyňyz bir bolsa, uzak ýyllar we köp günler bu ýurtlar siziň goluňyzdan çykmaz. Eger agzyňyz bir bolmasa, olja alan ýurduňyz-da gider we baýry ýurduňyz-da gider, malyňyz, janyňyz-da gider». Onda Gün han:«Atama siz geňeş berýädiňiz, atamyň ornuna, indi, meniň atam—siz. Siz nähili işi makul görseňiz, men şony edeýin» diýdi.
Onsoň Arkyl hoja aýtdy: «Oguz handan köp ýurtlar, şäherler, iller, öli mallar we diri mallar galypdyr. Siz alty ogluň her biriňizde dört ogul bar. Siz altyňyzdan başga ýene ýigrimi dört patyşazada bolýar, ine, men şundan gorkup ýörýärin, dünýälik üçin agyzlaryňyz ala bolar diýip howatyrlanýaryn». Gün han Arkyl hojanyň sözüni kabul etdi hem uly gurultaý çagyrdy.
Ýagşy, ýaman—halkyň hemmesi gelenden soň, ol Oguz handan galan welaýatlar hem iller, öli mallaryň we diri mallaryň ählisini şu aýdylan oguz patyşazadalarynyň ulusyna uly, kiçisine kiçi edip bölüp berdi. Bu ýigrimi dört ogul öz aýallaryndan dogupdy. Mundan başga gyrnaklardan bolan oglanlar hem köplükdi. Olaryň hem ýagdaýlaryna laýyk zatlar berdiler. Ondan soň Oguz hanyň ýasadan altyn öýüni dikdirdi. Sag ýanda alty ak çadyr we çep ýanda alty ak çadyr dikdirdi. Ýene sag ýanda bolsa başyna altyn horaz berkidilen kyrk gulaç agajy dikdirdi. Soňra han buýrugy boýunça «bozugyň» oglanlary nökerleri bilen altyn horazy, «üç okuň» oglanlary nökerleri bilen kümüş horazy atly çapyp atdylar. Ol horazlary uran kişilere sowgatlar berdi.
Gün han atasynyň edenlerine amal edip, dokuz ýüz ýylky we dokuz müň goýun öldürtdi, gönden dokuz howza arak doldurtdy we togsan gönden howza gymyz guýdurdy. Kyrk gije-gündiz aýş-u-eşretde boldylar.

## Oguz hanyň oglanlarynyň hem nebereleriniň atlarynyň beýany

Indi, olar iýip-içip otursynlar.
Biz Oguz hanyň eteginden ýaýran oglanlarynyň atlaryny aýdalyň. Ozal hem aýdypdyk, şeýle-de bolsa oglanlaryny hem neberelerini—barysyny bir ýerde aýtmagy mynasyp gördük.
Oguz hanyň oglynyň ady Gün han we ondan kiçisiniň ady Aý han, ondan kiçisiniň ady Ýyldyz han, ondan kiçisiniň ady Gök han, ondan kiçisiniň ady Dag han, ondan kiçisiniň ady Deňiz han. Bu altysynyň her haýsysynyň

aýallaryndan bolan dört ogly bardy.

Gün hanyň uly oglunyň ady Kaýy, ikinjisi—Baýat, üçünjisi—Alkaöýli, dördünjisi—Gara öýli.

Aý hanyň uly oglunyň ady Ýazyr, ikinjisi— Ýasyr, üçünjisi—Dodurga, dördünjisi Düker.

Ýyldyz hanyň uly oglunyň ady Awşar, ikinjisi—Gyzyk(?), üçünjisi—Begdili we dördünjisi—Garkyn.

Gök hanyň uly oglunyň ady Baýyndyr, ikinjisi—Bejene, üçünjisi—Jawuldyr we dördünjisi—Jebni.

Dag hanyň uly oglunyň ady Salyr, ikinjisi—Eýmir, üçünjisi—Alaýuntly we dördünjisi—Üregir.

Deňiz hanyň uly oglunyň ady Igdir, ikinjisi—Bükdüz, üçünjisi—Uwa we dördünjisi—Kynyk.

Oguz hanyň uly alty oglunyň gyrnakdan bolan çagalarynyň atlaryny aýdalyň. Emma haýsynyň haýsy oglundan bolany belli däl: Köne, Kune, Turbatly, Gireýli, Soltanly, Okly, Gökli, Suçly, Horasanly, Ýurtçy, Jamçy, Turumçy, Gumy, Surky. Häzirki wagtda oňa Surhy diýýärler. Gurjyk, Sorajyk, Garajyk, Kazygurt, Tiken, Lala, Murdaşuý, Saýyr.
Häzir birnäçe iller, ýagny Oguz han olara at goýdy diýip aýdanlarymyz, Oguz hanyň neslinden däldir. Şeýle-de bolsa olar şol toýda bar ekenler. Şol sebäpli olaryň atlaryny-da kitapda ýazmak zerur. Olaryň atlary şular: Kanykly, Gypjak, Garlyk, Kalaç.

**Gün hanyň öz inilerine hem oglanlaryna orun berişiniň beýany**

Indi, on iki çadyrda oturyp, ülüş, ýagny paý alanlar kimler we ol ülüşleri dogranlar kimler, daşarda atlaryny tutup oturanlar kimler, şolary beýan edeliň. Altyn çadyryň töründe Gün han oturdy. Iliň barça ýagşylary agzybirlik edip, goýnuň kellesini we arkasyny, guýrukly ujasyny hem bagryny ujanyň üstünde goýup, Gün hanyň öňünde goýdular hem-de:«Kim han bolsa, paýy şu hili

bolsun» diýdiler. Sag gol tarapda birinji çadyrda Gün ilki ülüş berdiler. Baýat ony dogrady, Surky atlaryny tutdy, häzirki wagtda ony Surhy diýip aýdýarlar. Ikinji çadyrda Alka öýlini oturtdylar. Sag gyra ýiligi ülüş berdiler. Gara öýli ony dogrady, Lala atlaryny tutdy. Üçünji çadyrda Aý hanyň uly ogly Ýazyry oturtdylar, sag ýanbaşy ülüş berdiler. Ýasar ony dogrady, Gumy bolsa atlaryny tutdy. Dördünji çadyrda Dodurgany oturtdylar, sag omaçany ülüş berdiler. Düker ony dogrady, Murdaşuý atlaryny tutdy. Bäşinji çadyrda Ýyldyz hanyň uly ogly Awşary oturtdylar, sag uýlugy ülüş berdiler. Kazyk ony dogrady. Turumçy atlaryny tutdy. Altynjy çadyrda Begdilini oturtdylar, sag ýagyrnyny ülüş berdiler. Garkyn ony dogrady, Garajyk atlaryny tutdy.
Çep tarapdaky birinji çadyrda Gök hanyň uly ogly Baýyndyrny oturtdylar, çep uýlugy ülüş berdiler. Bejene ony dogrady, Kazygurt atlaryny tutdy. Ikinji çadyrda Jawuldyrny oturtdylar çep ýanbaşyny ülüş berdiler, Jebni ony dogrady, Kanykly atlaryny tutdy. Üçünji çadyrda Dag hanyň uly ogly Salyry oturtdylar, çep aşykly ýiligi ülüş berdiler. Eýmir ony dogrady, Kalaç atlaryny tutdy. Dördünji çadyrda Alaýuntlyny oturtdylar, çep omaçany ülüş berdiler. Üregir ony dogrady, Tiken atlaryny tutdy. Bäşinji çadyrda Deňiz hanyň uly ogly Igdiri oturtdylar, çep gyra ýiligi ülüş berdiler. Bükdüz ony dogrady, Garlyk atlaryny tutdy. Altynjy çadyrda Uwany oturtdylar, çep ýagyrnyny ülüş berdiler. Kynyk ony dogrady, Gypjak atlaryny tutdy.

**On iki «ýüzlük» hem ýigrimi dört aýmagyň manysynyň beýany**

Eý diňleýji garrylar hem aňlaýjy ýigitler!
Bu sözleriň manysyna düşünmek üçin köňülleriňizi saplap, gulaklaryňyzy bäri tutuň! Türkmenleriň ötüp geçen bagşylary hem ömrüni märekede ötüren ýagşylary şeýle diýipdirler:
Oguz hanyň alty oglunyň esasy aýallaryndan dogan nebereleri ýigrimi dört sany bolupdyr. Gün han olary iki-ikiden on iki öýde ýerleşdiripdir. Şeýdip, olar on iki bölek bolupdyr. Şol on iki bölekden bolanlara «ýüzlük» diýipdirler. Çünki her bir zadyň ýeňsesinden ýüzi ýagşy bolýandyr.
Oguz hanyň at dakan birnäçe kişileri hem günülerinden dogan nebereleri-de ýigrimi dört sany eken. Olaryň atlaryny ýokarda agzap geçipdik. Olar öýüň daşynda ýerleşipdirler. Olaryň on ikisi at tutup, beýleki on ikisi bolsa işikde oturupdyr. Şu ýigrimi dörtden doganlara «aýmak» diýipdirler. Bu söz aslynda «omak» bolmaly.
Garamaýak halk bu sözi bolşy ýaly, doly aýdyp bilmän, onuň ýaryny aýdypdyrlar. Bir adam başga birinden «Seniň iliň omagy näme?» diýip, sorar eken. «Omak» mongol sözüdir. Biziň güblerimizde galmyklar hem omak

diýýärler. Aslynda bu sözüň manysy «urug» eken. Türkmenleriň on iki ýüzlük hem ýigrimi dört aýmak diýmekleriniň sebäbi, ine, şu aýdylanlar bolmaly.

**Oguz hanyň nebereleriniň atlarynyň manysy hem-de tagmalary bilen guşlarynyň beýany**

Türkmeniň taryh bilýän ylymly garrylarynyň barysy Oguz hanyň on iki öýde oturan ýigrimi dört neberesiniň atlarynyň manylaryny hem-de tagmalarynyň nähili bolandygyny, guşlarynyň atlaryny şeýle aýdypdyrlar:

Bir uly kagyza ähtnama ýazyp, Gün hanyň baştutanlygynda inileri, ogullary, ogullary, begleri we halk içindäki garrylaryň ýagşylary, ýigitleriniň ýagşylary —bularyň barysy şol hatda öz atlaryny ýazyp: «Biz dirikäk şu aýdylan sözlerden çykmarys. Eger bizden bolan oglanlar halalzada bolsalar, dünýä ahyr bolynça bu ähtnamany okap, amal etsinler. Eger haramzada bolup, «ýurdy bozaly» diýseler amal etmesinler» diýdiler. Atlaryny ýazyp, möhürlerini basyp ähtnamany Gün hanyň hazynasynda goýdular. Oguz han ölende, Gün han ýetmiş ýaşynda-dy, ýene-de ýetmiş ýyl atasynyň ýerinde oturyp, adalatlylyk bilen hanlyk etdi hem-de şondan soň hak rehmetine gitdi.

**Oguz iliniň äht etmeginiň beýany**

Hanyň baştutanlygynda ähli halk aýtdy: «Bir goýun, on ýa-da ýüz goýun öldürseňizem omaçasyny şu aýdylşy ýaly paýlasynlar. Her haýsysy öz oglanlary bilen, nökerleri bilen iýsinler». Ýene-de: «Bir kişi günäkär bolsa, ol adam patyşa oturan ýere ýakyn bolsa-da, daş bolsa-da, ol günä eden kişi patyşa urugyndan bolsa-da, hanyň bir adamy baryp, oňa temmi berse, «meni penalap gelipdir» diýip oňa hanyň inisi, ogly, begleri—hiç kim gol ýapmasyn. Eger kim oňa arka çyksa, şol arka duran adamy patyşanyň huzuryna getirip, arkasyna gylyç bilen urup, iki bölek etmek gerek. Goý, görene göz, eşidene gulak bolsun» diýdiler.
Şeýle hem aýtdylar: «Oguz neslinden we «bozuk» oglanlaryndan bir kişini patyşa etsinler, iki adamy patyşa götermesinler. Çünki han bir bolsa il düzeler, iki bolsa—il bozular. Öň ýaşap geçen alymlar: «Bir gyna iki gylyç sygmaz» diýipdirler. Bir aýaly iki är alyp bilmez. Bir ýurda iki töre sygmaz».

## Gün hanyň uly ogly Kaýynyň han bolmagynyň beýany

Gün han öleninden soň, Oguz hanyň ähli nebereleri we il ýagşylary ýygnanyp, Kaýyny han göterdiler. Ol hem atasy ýaly ile adalatly bolup, ýigrimi üç ýyllyk patyşalyk etdi. Hak rehmetine gitdi.

## Bakuýyň han bolmagynyň beýany

Kaýy hanyň oglanlary köpdi. Bir ogluna uly ogly Düýp Bakuýyň adyny dakypdy. Uly-kiçi hemmeler bir bolup, Düýp Bakuýy han göterdiler.
Günlerde bir gün Düýp Bakuý han halkdan sorady: «Oguz hany gören adamlardan şu wagta (çenli) galan barmy?» «Bir kişi galypdyr, salyr ilinden ulaş atly» diýdiler.
Han adam iberdi. Ulaşy getirdip, Oguz hanyň ýurtda duranda näme iş edendigini, dostlaryna niçik rehim-şepagat edip, duşmanlary bilen nähili mydar edendigini birin-birin soraşdyrdy. Ulaş hem bilenlerini aýtdy. Ondan soň köp serpaýlar ýapyp, öýüne iberdi.
Düýp Bakuý hanyň uly begleri ýazyr ilinden Alan we Arlan, düker ilinden Çeges we Başy beg, Beýgu beg hem-de baýyndyr ilinden Kabyl hoja dagylardy.
Han bir gün aw-awlap ýörkä, atdan ýykylyp, ýanbaş süňki syndy, şondan hem öldi. Guzy ýawy diýen bir ogly bardy, ony patyşa göterdiler. Otuz ýyl patyşalyk edip, o dünýä gitdi. Şol Guzy ýawy han bolanda onuň geňeş edýän begleri eýmir ilinden Körünjik, salyr ilinden Tabakdy. Ýene salyrdan Eňeşiň ogly Ötgen we onuň ogly Gülsary üç arka wezir boldular. Ol (Düýp Bakuý) ýüz ýigrimi ýyl hanlyk etdi hem dünýäden ötdi.

## Oguz iliniň ýurtlary, onda näçe ýyl nähili oturandyklary hem näme üçin «türkmen» diýip at goýlandygynyň beýany

Oguz handan tä Guzy hana çenli aýtdyk. Ol şonuň ýaly. Indi, Ynal han hakda aýdalyň, taňrym buýursa. Ynal hanyň zamanyndan tä biz bu kitaby aýdan wagtymyza çenli bir-bir aýdanlarymyzyň hemmesi dogrudyr, hiç ýalňyşy ýokdur. Ýöne Guzy ýawy han bilen Ynal hanyň arasynda näçe ýyl geçenini kesgitläp bilmedik. Şeýle-de bolsa, biraz aýdaly, köp aýtsak, belkem, nädogry bolmagy mümkin—dört müň ýyl dagy geçendir. Oguz hanyň Keýumers zamanynda ýaşandygyny bilýäris. Ynal Ýawy hanyň wezir-wekili kaýy

halkyndan Gorkut atady. Biziň pygamberimiziň eneleriniň kiçi dogany Apbasyň oglanlary Bagdat şäherinde bäş ýüz ýyl Patyşalyk etdiler. Gorkut ata şolaryň zamanynda ýaşady. Keýumers bilen Apbas oglanlarynyň arasy bäş müň ýyldyr. Guzy ýawy han Oguz hanyň bäşilenji ogly. Özüňiz hasap edip görüň: Guzy ýawy han bilen Gorkut atanyň hany Ynalyň arasy näçe ýyl bolýar?! Indi, biz bu aýdýan dört müň ýylymyzda kimiň bolanyny ýekeme-ýeke we atma-at bilemzok. Şeýle derejede bilmesek hem başdan-aýak, umumy ýagdaýyny bilýäs, şuny bir aýdalyň.

Oguz iliniň ýurtlarynyň gündogary Yssyk köl we Almalyk; günortasy—Saýram we Kazygurt hem Garajyk dagy: demirgazygy—mis çykýan Uly dag we Kiçi dag; günbatary—Syrderýanyň aýagy Ýaňykent we Garagum. Şu aýdylýan ýerlerde dört-bäş müň ýyl oturdylar hem-de haýsy urug köplük bolsa, şondan patyşa göterdiler.

Haçanda Kaýydan bir adamy patyşa göterenlerinde kaýy urugy bilen baýat urugy, ýene-de bäş-alty kiçiräk urug oňa goşulardy. Salyrdan bir kişini patyşa göterseler, salyr urugy eýmir urugy, ýene-de sany azlyk bolan uruglar oňa goşulardy. Ýazyrdan birini patyşa göterseler, ýazyr urugy bilen san taýdan az birnäçe urug oňa goşulardy.

Şundan netije çykaryň: köplük bolan urugdan patyşa göterip, azlyk uruglar oňa goşulyp, kä alty-ýedi topar bolardylar, kä üç-dört topar bolardylar. Bir-biri bilen ýagy bolup, çapyşardylar, ýesir alardylar. Bir-biri bilen ýagy bolup, çapyşardylar, ýesir alardylar. Özlerinden artan ýesirleri Mawerannahr söwdagärlerine satardylar. Ol wagtlar Yrak, Horasan, Mawerannahr patyşalarynyň, nökerleriniň, raýatlarynyň—hemmesi tatdy. Tatdan başga adam ýokdy. Soltan Mahmyt Gaznawynyň atasy Sebüktegin kaýy halkyndandy. Ony türkmenler ýesir edip, söwdagäre satdylar. Beçene urugy hem özünden töre göterip, salyr ili bilen ýagy bolup, çapyşardy. Bäş-alty arka çenli bu iki iliň arasynda duşmançylyk bardy. Beçene ili salyr ilinden üstün gelerdi. Şoňa görä-de salyr ili beçene halkyna «it beçene» diýerdiler.

Beçene iliniň Doýmadyk atly bir patyşasy bardy. Ol goşun sürüp, salyr ilini çapyp, salyr Gazan alpyň enesi Jäjeklini oljalap, alyp gitdi. Üç ýyldan soň kethudasy Eňeş köp zat berip, Jäjeklini gaýtaryp aldy.

Şu aýdylanlardan şeýle netije çykýar: talaňçylar öz ýurtlarynda Mawerannahra gaçyp giderdiler. Şeýdip, dura-bara Türkmeniň köpüsi şol welaýata düşüp, azy galdy.

Ol wagtlar türkmenden aňry tarapda oturan iller hem köpdi. Onuň haýsy birini aýdaýyn. Ähli illerden türkmene ýakynlary Hytaý, Kanykly, Naýman illeridi. Ol illerem türkmeniň galanyny çapyp başladylar. Türkmenler Yssyk köl,

Almalyk, Saýram, Uly Daglar, Kiçi daglar—bu ýurtlaryň hemmesini taşlap, Syr deýanyň aýagyna gelip, patyşlaryny Ýaňykentde oturtdylar. Özleri bolsa Syrderýanyň iki tarapynda ýazlap hem gyşlap, on arka geçýänçäler oturdylar. Mawerennahra düşen türkmenlere täjikler ilki «türk» diýerdiler. Bäş-alty arka geçenden soň ýer-suwuň, howanyň täsiri bilen çekgeleri gysylyp, gözleri ulaldy, ýüzleri kiçelip, burunlary ulalyp başaldy. Türkmen ýurduna gelip oturan illerden ýesir we söwdagär Mawerannahra gelip başlady. Olary gördüler, täjikler «türk» diýdiler. Öňki türklere bolsa «türk manend» diýip at goýdular. Onuň manysy türke meňzeş diýmekdir. Sada halk «türk manend» diýip aýdyp bilmedi, şoňa görä «türkmen» diýdiler.

## Ynal ýawynyň han bolmagynyň beýany

Kaýy Gara hojanyň ogly Gorkut atanyň salyr Eňeş hojanyň we Awaşban hojanyň baştutanlygynda ähli oguz ili ýygnanyp, kaýy halkyndan Ynal ýawyny patyşa göterdiler. Weziri Gorkut atady... Gorkut ata näme diýse, Ynal ýawy onuň sözünden çykmazdy. Gorkut atanyň keramatlary köpdi. Iki ýüz togsan bäş ýyl ömür sürdi. Üç patyşanyň weziri boldy. Ynal ýawy ýedi ýyl patyşalyk etdi. Iki ogly bardy. Uly oglunyň ady Al, kiçisiniň ady Doýly kaýydy. Ynal ýawy han öler wagty golaýlanda, Doýly kaýyny öz ornunda oturdyp gitdi. Doýly kaýy hem Gorkut atanyň sözüne amal ederdi. Doýly kaýynyň Gorkut atadan başga iki ynamdar begi bardy. Biri baýyndyr ilinden Kübdüz atly, beýlekisi igdirlerden Dükene atly. Doýly kaýy köp ýyllap patyşalyk etdi. Ogly ýokdy. Iýmeli aşyny iýip, ýaşamaly ýaşyny ýaşap, dünýäden ötdi.

## Doýly kaýynyň inisi Erkiniň patyşa bolmagy we onuň ogly Dumanyň dünýä inmeginiň beýany

Doýly kaýynyň Erki atly bir ýakyn garyndaşy bardy. Ol Doýly kaýynyň düşek aşyny berdi. Ähli oguz ili ýasa geldi. Gorkut ata baştutanlygynda ähli begler soradylar: «Hanyň aýallarynyň göwrelisi barmy?» Bir eneke gelip aýtdy: Hanyň bir aýalynyň aýagy agyr. Tiz bolar diýip umyt edýäris».
Hanyň düşek aşyny berip ýörkäler, birnäçe günden soň, «Hanyň ogly boldy» diýip buşlukçy geldiler. Erkiniň baştutanlygynda begleriň hemmesi söýünji berdiler. Erki halky toýa çagyrdy. Her kim öz ýagdaýyna görä sowgat getirdi. Dört ýüz ýylky bilen dört müň goýun öldürdiler. Gönden üç howuz tikdirdi. Birisini arak bilen, ýene birini gymyz bilen, beýlekisini gatyk bilen doldurtdy. Bir aýlap gije gündiz dowam eden toýda ähli kişi—ýagşy-da ýaman-da

一aýşy eşrete meşgullanyp, garrylar ýaşyny unutdy, garyplar ýoksullugyny, baýlar ölümini yatdan çykardylar.
Oguz ili Gorkuda aýtdy: «Bu oglana bir ýagşy at goý!» Gorkut ata: «Munuň ady Duman han bolsun!» diýdi. Onda halk: «Mundan ýagşyrak at goý!» diýdi. Gorkut ata: «Mundan ýagşy at bolmaz!» diýdi.一Doýly kaýy hanyň ölen güni biziň ýurdumyzy duman tutup garaňky boldy. Bu ogul dumanda dogdy. Şonuň üçin adyna Duman goýduk. Galyberse-de, öz ýanymdan ýagşy yrym hem niýet edip, adyna Duman goýýaryn. Duman uzak durmaz, ol çalt sowulýan zat. Dymanly gün güneş bolýar. Dumanyň soňundan howa açylýar. Biraz duran dumany bu oglanyň ýaşlygyna meňzetdim. Soňky güneşi bolsa bu oglanyň ýigit bolup, atasynyň tagtynda oturdyp, döwletli hem uzak ömürli bolanyny meňzetdim».
Halk muny eşidip Gorkuda: «Berekella! Berkella! » diýdi we hoş bolup, Dumana köp doga-alkyş etdi. Gorkudyň baştutanlygynda ähli halk üýşüp, Erkä ýüzlendi: «Bir aý toý etdiň, naharyň tükenmedi, howuzlara salan gymyz bilen aýranyň kölüň suwundan köp boldy. Indi, şu günden beýläk saňa Köl Erki han diýeli. Duman seniň öz ogluňdyr. Agaň Doýly kaýynyň ornunda oturyp hanlyk et. Haçan Duman ýigit çykanda, oňa näme bermelidigini özüň ýagşy bilýänsiň». Şeýdip, Köl Erkini han etdiler. Ol halk bilen ýagşy durmuşda ýaşady.
Duman ýigit çykdy. Doýly kaýy hanyň baýry adamlary: «Patyşalyk ataňdan saňa miras galandyr. Ähli halk birleşip, Köl Erkä patyşalygy wagtlaýynça tabşyrmak şerti bilen» diýip, Dumana ýüzlendiler.
Duman bu sözi bir kişiniň üsti bilen Köl Erkä aýtdyrdy. Köl Erki bu sözi eşidenden soň, ýekelikde Gorkut ata aýtdy we onuň maslahaty bilen iliň ýagşylaryny çagyryp, uly toý etdi. Gorkudy öýüň töründe oturdyp Köl Erki han çöke düşüp, gymyzly pyýalany uzatdy. Gorkut gymyz içip, adamlar nahar iýip bolanlaryndan soň Köl Erki: «Halaýyk, siziň hemmäňiz patyşalygyň Dumanyňkydygyny bilýänsiňiz. Şu wagta çenli Duman ýaşdy. Şonuň üçin onuň işini men edýärdim. Indi, Duman uly ýigit boldy. Atasynyň tagtyny oňa tabşyrýaryn» diýdi.
Ähli halk Gorkuda ýüzlend: «Hanyň hem ähli oguz iliniň ygtyýary seniň eliňde. Nämäni mynasyp görseň, şony-da et». Gorkut bu sözi eşidenden soň adam iberip, Dumany getirdi we ony öýüň ortasynda oturdyp: «Ataň öldi, sen ýaş galdyň. Köl Erki hem ataň, hem agaň. Sen dünýä geleniňden şu çaka çenli ýagşy terbiýeledi. Täç, tagt, il-günüň, ýurduň bary seniňki. Ýöne birnäçe gün sabyr etmegiňi soraýarys. Agaň bärisinden aňyrysy ýakyn» diýdi. Onda Duman: Ähli Oguz iliniň ýagşysy, atamyň weziri, meniň babam sen. Sözüňi

kabul etdim» diýdi.
Köl Erkäniň bir gyzy bardy, örän görmekli, ata-enesiniň ähli işlerine erkli. Gorkut Köl Erki hem Duman bilen gepleşip, ýedi gije-gündiz toý edip, patyşalara mynasyp esbap we halatlar bilen gyzyny Dumana tabşyrdylar.
Şol wagtlar awşar iliniň Aýna atly bir hany bardy. Ogly üçin bu gyza söz aýtdyrypdy. Köl Erki kabul edip, bermekçi bolupdy. Aýna han ol gyzyň Dumana berlendigini eşidip, Köl Erkiniň üstüne goşun çekdi. Köl Erki hem uly goşun bilen oňa garşy bolup uruşdy we Aýna hany ýeňdi. Onuň ogluny öldürip, leşgerini gyrdy. Aýnany kowup, ýurduny eýeläp alty aý onuň ornunda oturdy. Aýna başga ile gaçyp gitdi. Köl Erki Aýnanyň yzyndan adam iberip: «Bi ýamanlygy seň etmediň, ogluň etdi. Ol jezasyny çekdi. Indi, seniň bilen biz garyndaş bolýarys. Gel-de ýurduňa eýe bol, men gaýtjak» diýip aýtdyrdy. Ilçi baryp, bu sözleriň hemmesini aýtdy. Aýna ynanyp gelip, Köl Erkini gördi. Köl Erki han oňa ýurduny tabşyryp, öz ýurduna gaýtdy.

## Dumanyň oglunyň bolmagy, oňa «Ýawly» diýip at dakmaklary we ýigit çykandan soň, oňa «Ganly Ýawly» diýip at goýmaklarynyň beýany

Dumanyň Köl Erkiniň gyzyndan ogly boldy. Adyna Ýawly goýdylar. Dogumly hem batyr ýigit bolup ýetişdi. Bir gün suwuň ýakasynda ýigitler bilen oýnap ýördi. Bir ýigit bilen uruşdy. «Ony uraýyn» diýip, bir zat gözledi. Golaýda bir topbak gyzgandan başga zat tapmady. Onuň ujundan tutup, köki bilen sogurdy-da, ol ýigidiň boýnuna urdy. Onuň boýny üzülip, jan berdi. Köl Erki han, Duman we Gorkut ähli begler bilen oturdylar. Ýawlynyň eden işini aýtdylar. Muňa uly-kiçi, ýagşy-ýaman, gören-eşiden haýran galdy. Duman: «Bu oglanyň adyna şu wagta çenli Ýawly diýerdik. Indi «Ganly Ýawly» diýmek gerek» diýdi. Şondan soň oňa «Ganly Ýawly» diýdiler.
Günlerde bir gün Köl Erki han öýde oturdy. Şol ýerde Duman hem bardy. Ganly Ýawly işikden girip, orta ara geçip oturdy-da, Köl Erkä ýüzlendi: «Ey, baba, oturan tagtyň uly atam Doýly kaýynyňky bolmaly. Şu wagta çenli atam Dumany ýaş görüp, bermediň. Indi, näme üçin bereňok?!» Köl Erki han başyny aşak salyp, köp oturdy. Birsellemden soň başyny göterip: «Bu sözi öňräk aýdarsyň diýip garaşýardym. Has-da gyzgan bilen biriniň boýuna uran günüň garaşjakdym. Ýagşy bolar, indi, ataňa tabşyrmak gerek» diýdi.

## Dumanyň han bolmagynyň beýany

Köl Erki bu sözleri neberesinden eşidenden soň, Gorkut baştutanlygynda ähli

Oguz iline adam iberip, uly toý tutdy. Dumany han göterip, tagtda oturtdy. Köl Erki aýak üstünde durup aýtdy: «Atañ ölüp, meniñ bu tagtda oturyp, ýurdy soranyma otuz bäş ýyl boldy. Men nähili iliñ ýagşy-ýamanyny sorap, nä ýol bilen patyşalyk eden bolsam, sen hem şol ýol bilen ýörärsiñ diýip umyt edýärin». Duman: «Gowy aýdýarsyñyz. Eger meniñ döwletim bolsa, siziñ bu nesihatlaryñyzy kabul ederin» diýdi.
Ýurt baradaky sözler gutarandan soñ, Köl Erki han Ganly Ýawlynyñ ýüzüne bakyp: «Eý, gyzym ogly! Gyzdan bolanyñ dostlugy bolmaz» diýip eşidipdim. Öñki geçenleriñ sözlerini ýalana çykarmadyñ» diýdi.
Duman han dört aý hanlyk edenden soñ, Gorkudyñ baştutanlygynda ähli halk oña: «Tañra şükür etgin. Ganly Ýawly ýaly oñat ogluñ bar. Patyşalygyñy oña berip, özüñ aýşy-eşrete meşgullansañ oñat bolar» diýdiler. Duman hem razylaşdy we patyşalygy ogluna berip, dynç köñül bilen tañrynyñ bendiligini berjaý edip oturdy.

## Ganly Ýawlynyñ han bolmagynyñ beýany

Ol ajaýyp, edermen, mergen hem batyrdy. Dört tarapyndaky ýurtlaryñ hemmesini özüne boýun egdirdi. Onuñ zamanynda möjek-goýuna, bars-keýige, bürgüt-towşana, garçygaý-käkilige zor salyp bilmedi. Ol illerini abadanlaşdyryp, ýagylaryny dargadyp, öz zamanyndaky patyşalardan ozup, togsan ýyl patyşalyk edip, aradan çykdy.

## Mur Ýawynyñ han bolmagynyñ beýany

Ganly Ýawlynyñ iki ogly boldy: ulusynyñ ady Mur Ýawy, kiçisiniñ ady Gara Alp Arslandy. Öler wagty golaýlanda ýurduny ikä böldi. Türküstan bilen Ýañykendi Mur Ýawa berdi. Talaş bilen Saýramy Gara Alp Arslana berdi. Birnäçe ýyl geçenden soñ, Gara Alp agasy Mur Ýawy bilen ýagy boldy. Il ýagşylary arada gezip, köp nesihatlar edip: «Ýaraşdyrmaly!» diýdiler. Gara Alp Arslan razy bolmady. Ahyrsoñy ikisi-de goşun çekip, Saýramyñ ýanynda uruşdylar. Mur Ýawy üstün çykdy. Gara Alp Arslan şol söweşde öldi. Mur Ýawy onuñ ýerinde häkimlik etdi we soñra öýüne gaýtdy.
Gara Alp Arslanyñ kiçi ogly bardy. Ony hem aýallaryny Mur Ýawy alyp geldi. Şundan soñ birnäçe ýyl geçdi. Bir gün Mur Ýawy otyrka, Gara Alp Arslanyñ ogly geldi. Ol oglanyñ ýüzüne bakyp: «Eger atañ nadanlyk edip, meniñ bilen duşman bolmasady, munda ýetim bolup, sargaryp ýörmezdiñ. Haýp, ýöne men

nä alaç edeýin?!» diýip, köp aglady. 一«Seniň adyň Alp Tugaç bolsun!» Onuň atasyndan falan ýagşy adamlary getirip, Alp Tugaçy oňa tabşyrdy hem-de atasynyň ýurduny berip, şol ýere göçürdi. Soňra: «Gara Alp Arslanyň ilinden olja edip getiren adamlaryny gaýtaryp bersin» diýip, halka höküm etdi. Alp Tugaç baryp, atasynyň ýurdunda oturdy. Dört tarapa gideniň hemmesi jemlendi. Mur Ýawy han ýetmiş bäş ýyl patyşalyk edip, ol dünýä gitdi.

**Mur Ýawynyň ogly Garahanyň han bolmagynyň beýany**

Mur Ýawynyň aýallaryndan çaga bolmady. Orja han diýilýäniň ilini çapanda bir aýaly olja alyp, birnäçe gün öz ýanynda saklap, yzyna iberdi. Ol aýal öz ýurduna barandan soň: «Mur Ýawy handan göwreli boldum» diýdi. Birnäçe aýdan soň ogul dogurdy. Adyna Gara goýdular. Daýylarynyň arasynda ösdi. Ýigit çykandan soň gaçyp, Mur Ýawy hanyň ýanyna geldi. Mur Ýawy han ony kabul etdi. Mur Ýawy ölenden soň, ähli halk jemlenip, ony han göterdiler. Il bilen ýagşylykda ýaşap, kyrk ýyl hanlyk edip aradan çykdy.

**Bugranyň han bolmagynyň beýany**

Gara hanyň Bugra atly ogly bardy. Ähli halk Gara han ölenden soň Bugrany patyşalyga göterdi. Bugra han ozalky öten hemme atalaryndan artyk boldy. Uly goşun bilen gelip, Buhara we Samarkandy aldy, ýöne öz garyndaşlarynyň ýurdunda oňa ýagy bolup başlany sebäpli, durup bilmän, yzyna gaýdyp geldi. Ondan soň gelip, Horezm ülkesini alyp, köp ýyllar onda patyşalyk etdi. Bir gezek, arka (demirgazyk) tarapa goşun çekip barýarka, bir gün han aýtdy: «Köňlüňiz bugdaý unundan edilen aşy isleýär». Unaş we özge nahary etmäge aşpez hem-de aş etmegiň esbaby tapylmady. Han un getirtdi we hamyr etdirdi, öz goly bilen ýazyp, gazana saldy. Oturan nökerleri hem hana kömek etdiler. Ýene aýtdy: «Bu aşyň ady «Buhara hany bolsun» diýdi. Şu gün halkyň içinde «Bugra» diýip bişirip ýörýänleri şol aş bolmaly.
Hanyň üç ogly bardy. Ulusynyň ady Il tegin we ikinjisiniň ady Guzy tegin, üçünjisiniň ady Bek tegindi. «Tegin» sözüniň manysy, gadymky türki dilde «ýagşy suratly, owadan» diýmekdir. Han gojalandan soň, patyşalygy Guzy tegine berdi. Özi akylly, hudaýhon, dindar, dogruçyl hem kanagatly aýaldy, oglunyň atasy ornundady, ol öldi. Şeýle bolansoň, Bugra han uly ýas tutdy: bir ýyllap hiç kim bilen gepleşmedi, öýden çykmady.
Bir gün Guzy tegin atasyna: «Haçana çenli ýas tutup, gamgyn bolup oturmakçysyňyz? Awa çykyň, belki, göwnüňiz açylar» diýip, atasyny alyp, her gün bir tarapa awa, gezelenje çykdy. Birnäçe günden soň «Indi, hanyň köňlüne

howa we höwes peýda boldy öýdýän» diýen wagtynda şuny aýtdy: «Begler aýdýarlar: han öýlense oňat bolar!» Han aýtdy: «Onuň ýaly aýal nireden tapylar? Gelip eneň ornuny tutup biljek?» diýdi. Guzy tegin: «Enem ýaly bolmasa-da ondan artygrak bolar» diýdi. Han her näçe «öýlenmerin» diýse-de, Guzy tegin ony ygtyýaryna goýmady.
Awşar ilinde Egrenje diýen adamyň Göreli ýagşy atly ýurtda ady ile dolan görkli gyzy bardy. Ony hana alyp berdi. Ol betbagt gyzyň göwnüne şeýle pikir geldi: «Guzy teginiň özüniň maňa meýli bardyr. Şonuň üçin meni atasyna bahana bilen alyp berýändir. Mahal-mahal özi meniň bilen gizlin aýşy-eşretler etmekçidir. Ýogsa, goja bir kişä meniň ýaly owadan gyzy näme üçin alyp bersin?» diýdi.
Bir gün Guzy tegin atasyny göreýin diýip geldi. Görse, han uklap ýatypdyr, aýaly bolsa otyr ekeni. Ol hatyn Guzy teginiň gaşyna gelip, ýüzüni we gözüni sallap, sypanjyrady. Aýry biri bilen oýnaşanynda aýallar nähili hereket edýän bolsalar, şonuň ýaly hereketler edip başlady. Guzy teginiň göwnüne şeýle geldi: «Bu meniň enem ornunda bolansoň maňa mähribanlyk edýär-ow» diýdi. Ýene birnäçe günden soň, ol gelin Guzy tegine çola bir ýerde duşup: «Heý meniň halymdan habaryň barmy? Men saňa aşyk. Gijelerine一ukym, gündizlerine kararym ýok. Meniň halyma garamajak bolsaň, näme üçin meni goja bir kişä berdiň?» diýdi. Guzy tegin aýtdy: «Sen meniň enem bolup durýarsyň. Eger şu günden başlap, bu gylygyňy goýmasaň, seni bölek-bölek edip, her bölegiňi bir ýere taşlaryn» diýdi.
Bu gelin bolan wakalary özüniň garyndaş aýallaryna aýdyp geňeşdi. Şonda olar şeýle diýdiler: «Guzy tegin bu wakany hanyň özüne, halka aýtmazyndan öňürti aýdyp, ýaýratmak gerek. Ýok, şuny etmeseň, onda sen ölüme gidersiň» diýip, barysyny agzybirlik bilen bir aýaly ýola saldylar. Ol aýal baryp, Guzy teginiň öýünden ädigini ogurlap gelip Bugra hanyň öýüne bardy, ýene gaýdyp gelip, ädigi öňki ýerinde goýup gaýtdy.
Ol gije han öz öýünde ýok ekeni. Ol awa gidipdi. Gije ýarymdan agandan soň azajyk gar sepeläpdi. Ertir daň bilen aýal gykylygy eşidip gaýtdy, seredip görseler, öýden üýşüp duran aýal gykylygy eşidilýär. Erkek we aýal barjasy üýşüp gelip, öýüň işigine bardylar. Baryp görseler, hanym gelin ýüzüni ýyrtyp, barça ýerini gan edip, şeýle aýdýar: «Bu gije ir ertir mahaly uklap ýatyrdym. Bir adam gelip gujagyma girdi. Seretsem, Guzy tegin han ekeni, ol aýtdy: «Gykylyk etme! Men özüm ahyry, saňa aşyk bolup, seni atama alyp berdim. Şonuň üçinem sen gündiz atamyňky bolsaň, gijelerine meniňki bolarsyň. Ýogsa atam aýaly näme etsin?» diýdi. Men gygyrmaga mejbur boldum: «Enesine bu hili işler etmek nirede bar?» diýdim. Menden bu sözi eşidenden soň ol çykyp gaçyp gitdi».

Ýanynda ýatan hatynlar bu söze şaýat boldular. Ýene hanym aýtdy: «Şundan ýagşy güwä bolmaz. Ýer gar, baryp yzyny görüň!» diýdi. Baryp yzy gördüler. Ol yz Guzy teginiň öýüne baryp gutarýar. Guzy tegin aýak yzlarynyň ýanyna gelip, aýagyny goýdy weli ikisi jaý geldi.
Bugra han awdan geldi. Oňa hem aýtdylar. Hanyň baştutanlygynda Guzy tegini ýanlaryna çagyryp aýtdylar: «Gije seniň eden bu işiň nämedir?» Guzy tegin şundan soň ol gelinden görenini we eşidenini aýtdy. Ýene diýdi: «Men özüm utanjymdan ýaňa aýdyp bilmän ýördüm. Ikinjiden, ol gyzy atama men özüm alyp beripdim. Halk içinde ryswa bolmasyn» diýdim. Ol öňürti meniň üstüme sürnüp başlady» diýdi.
Oturan jemagat ikä bölündi. Ýarysy ol aýalyň sözüne ynandylar, ýarysy Guzy teginiň sözüne ynandylar. Ahyrda, barysy agzybirlik edip, hanymyň ýanynda ýatýan aýallary hanyň gaşyna getirip soradylar, aýtmadylar, gynamakçy boldular. Ahyrda bolsa, başdan ahyryna çenli eden geňeşlerini, awşar aýallarynyň aýdan sözlerini we ädigi ogurlaýyşlaryny birin-birin gürrüň berdiler.
Şondan soň Bugra han Guzy tegine aýtdy: «Bu aýala unamandym. Şeýle bir pitne bolar diýip unamandym. Sen meni ygtyýaryma goýmadyň. Indi, muny näme etmelidigini sen özüň ýagşy bilýänsiň» diýdi. Şondan soň Guzy tegin adamlara buýurdy. Bäş sany iýmli baýtaly getirip, ol hanymyň iki aýagyny, iki elini we boýnuny—her haýsysyny bir baýtalyň guýrugyna baglap, baýtallaryň butlaryna naýzanyň uçlary bilen sançdylar. Towlaý-towlaý ol hanymy bäş bölek edip, her haýsysy onuň bir agzasyny öz ýatagyna tarap alyp gitdi.
Bugra han köp ýyl patyşalyk etdi we togsan ýaşap öldi.

## Bugra hanyň ogly Guzy teginiň han bolmagynyň beýany

Guzy tegin atasynyň tagtynda oturyp, duşmanlaryny agladyp, dostlaryny güldürip, il-güne adalatlylyk edip, pahyr hem misgine haýyr-yhsanlar edip, kyrk ýyl han bolup, ýetmiş bäş ýaşyna ýetende, ogly Arslany ornunda oturdyp, aradan çykdy.

## Guzy teginiň ogly Arslanyň han bolmagynyň beýany

Arslan öz atasynyň tagtynda oturyp, uly han boldy. Köp ýyllardan soň Sorajyk ili ýagy bolup çykdy. Arslan baryp Sorajyk ilini çapyp, galanyny boýun egdirip geldi. Onda bir ýaş oglany olja edip getirip, adyna Söwer goýup, öz golunda ösdürdi. Ol akylly we dogumly, mergen hem hünärli, her ýerde, her hili ýolda ýöremegiň ýagdaýyny bilýän oglandy, ahyrda hana ynak boldy.

Hanyň beýleki ýakyn adamlarynyň göripliginden ýaňa munuň olar bilen arasy bozuldy. Söweriň gybatyny hana nädip aýtjaklaryny bilmän ýördiler.
Bir gün märekede bu han ol Söweriň gulagyna bir zat aýdyp durdy. Sakaly hanyň ýüzüne degdi. Söwer gidenden soň, han öz beglerine bakyp aýtdy: «Söweri öpübermeli bolupdyr» diýdi. Begler: «Biz munuň edýän işlerini çolarak bir wagtda mälim edeliň» diýip, töwerek çolaranda aýtdylar: «Pylan wagtda siziň pylan hili syryňyzy illere paş etdi, siz ony ýagydan alyp gelipdiňiz, ol ýene öz aslyna çekdi. Biz onuň eden ýamanlyklarynyň haýsy birisini aýdaly. Ähli işlerinden ýamany-da, ol siziň aýalyňyz bilen birigip gezip ýör».
Arslan han: «Söweri Ýaňykende ýumşa iberdim. Gelenden soň sizlere tabşyraýyn. Nähili öldürmelidigini özüňiz ýagşy bilersiňiz» diýdi. Ýene aýtdy: «Pylan ýerde keýik köpmüşin, özüm baraýyn diýipdim. Düýnki günden bäri barja ýerim agaryp dur. Sizler halka baş bolup baryň, ot-suw alyň, pakyr hem misgin gyş azygyny alsynlar». Begler halky alyp, awa gitdiler.
Han öz aýaly bilen geňeşip, hassa boldy. Birnäçe günden soň haly harap boldy. Şundan soň öýde galan begler: «Hanyň haly harap boldy. Şundan soň öýde galan begler: «Hanyň haly ýaman boldy, ýetişewersinler!» diýip, awa giden beglere we Söwere adam iberdiler. Begleriň awdan geljek güni han öldi. Geldiler hem gördüler, görseler, han eýýäm ölüpdir.
Barça begler geňeşip başladylar, soňra hanyň öli we diri bolan malynyň barysyny paýlaşdylar. Ol wagtda Söwer hem gelip ýetdi. Olar Söwere aýtdylar: «Hanyň meýdini haçan çykarmalydygyny, nirede jaýlamalydygyny, ýas üçin näme gerekdigini hanym bilen sen bilýärsiň, diriliginde-de barja işleri siz ikiňiz edýärdiňiz, şonuň üçin ölende-de ol işleri siz ediň!» diýdiler. Şeýdip, öleniň üstüne-de gelmediler, asyl taşlap gitdiler. Söwer baryp, hanyň aýak ujunda oturyp, sakalyny kesip, bir daşy alyp başyna hem döşüne urup, barja ýerini bölek-bölek edip aglady oturdy: «Ölen wagtyň bolmadym, bir käse suw berebilmedim, hyzmatyňa ýaramadym. Indi, seni bir ýerde jaýlamak üçin geldim. Ondan soň, sensiz bu dünýäde ýaşamak maňa haramdyr. Özümi özüm öldürerin. Soňra seniň aýak ujuňda ýataryn» diýip, aglap otyrdy.
Han birden ýerinden gopup, ýokaryk galkdy. Onsoň Söweri gujaklady, ýüzünden ogşady-da: «Seniň we seniň gybatyňy edýän begleriň hakykatyny bilmek üçin özümi öldi edip görkezdim» diýdi. Hanyň direlenini eşidip, barça halaýyklar geldiler. Hanyň direlenini eşidip, barça halaýyklar geldiler. Hanyň mallaryny alyp, onuň ölüsine garaman, taşlap giden begleri tutup, gözlerini kör edip, gollaryny kesdiler.
Arslan han ýetmiş ýyl patyşalyk edip, dünýäden ötdi.
Bugra hanyň uly ogly Il tegin we onuň ogly Osmanyň han bolmagynyň beýany

Arslan hanyň öz ogly kiçijikdi. Uly agasynyň Osman atly ogly bardy, şony han göterdiler. Ol on bäş ýyl patyşalyk edip öldi.

Il teginiň ogly Esliniň han bolmagynyň beýany

Osmanyň Esli diýen bir inisi bardy, şony han göterdiler. Ol hem üç ýyl han bolup, soň atasynyň yzyndan gitdi.

Esliniň ogly Şabanyň han bolmagynyň beýany

Esliniň Şaban atly ogly bardy, şony han.göterdiler. Ol soňra atalarynyň ýörän ýolundan ýöräp, ýagşa ýagşy we ýamana ýaman bolup, ýigrimi ýyl atasynyň tagtynda oturyp, uly atalarynyň göçüniň yzyna düşüp göçüp gitdi.

Şabanyň ogly Boranyň han bolmagynyň beýany

Şabanyň ogly bar bolup, ady Borandy, ony han göterdiler. Boran soňra, il bilen ýagşylykda ýaşap, oguz iliniň adatlaryny hem kadalaryny ýitirmän saklap, on sekiz ýyl patyşalyk edip, ýogaldy.

**Alynyň han bolmagynyň beýany**

Ol wagtda oguz ili Syr derýasynyň iki tarapynda, onuň aýagyna ýakyn ýerde oturypdyrlar. Mogollar gelip köp çapdylar. Oňa tap getirip bilmän, köpleri göçüp gitdiler. Ürgenje bardylar. Galanlary bolsa Aly atly birini han göterdiler. Alynyň bir ýaşly ogly bar bolup, ady Gylyç Arslandy, oňa Şa Mälik diýen lakam goýupdyrlar. Bekdüz ilinde Guzuçy beg diýen ýüz ýaşly bir adam bardy. Ol wagtda oguz iliniň ýurdy Syr derýasynyň aýagynda, Ürgenç bilen Syrderýasynyň arasynda, Amyderýanyň iki tarapynda, Ürgenç bilen Marynyň arasyndaky çöllerde tä Murgap derýasynyň aýagyna çenli ýetipdir. Aly han öz Ýaňykendinde oturyp, Şa Mäligi Guzuça tabşyryp, ogluna: «Guzuçynyň sözünden çykaýmagyn» diýdi. Guzuçy bolsa aýtdy: «Şa Mäligi oguzlaryň içine alyp bar, şol ýerde össün. Bu halka, halk—muňa öwrenişsin. Bu iliň bir çetinde men oturaýyn we beýleki çetinde oglum bilen sen bol!» diýip ugratdy. Şa Mälik il içine geldi, halk ony özüne patyşa göterdi. Birnäçe ýyllar ötenden soň, Şa Mälik ýetişip ýigit çykdy, emma zalym boldy. Kimiň görmäge owadan gyzy we aýaly bolsa oňa bakdy. Guzuçy köp nesihatlar berdi, emma Şa Mälik kabul etmedi. Il Şa Mälige «Bidatgär» diýip at goýdylar. Ol gitdikçe iliň ýagşy

adamlarynyň gyzlaryna hem aýallaryna zor edip başlady.
Şeýle bolany üçin oguz ili ýygnanyşyp, ony öldürmekçi boldular. Ony eşidip, Şa Mälik atasynyň ýanyna gaçdy. Guzuçy beg hem onuň yzy bilen gitdi. Ol ýene Aly hanyň ýanyna Şa Mälikden öň gelip ýetdi hem-de bolan wakalary birin-birin aýtdy. Ondan soň Şa Mälik geldi. Aly han öz ogly Şa Mäligi tutup, gamçynyň astyna aldy, ýene gollaryny daňyp taşlady. Muny eşidip, Guzuçy geldi: «Muny daňdyryp, näme etmekçi bolýarsyň?» diýdi. Han aýtdy: «Oguz iline ibereýin diýip durun, goý, olaryň göwni menden razy bolsun». Guzuçy aýtdy: «Eger Şa Mäligi iberseň, onda öldürerler, ulumsylanmak bilen seniň garşyňa ýagy bolarlar, şeýdip, sen hem ogluňdan, hem iliňden mahrum galarsyň» diýdi.
Aly han: «Iliň ýagdaýyny görüp geleniň üçin, elbetde, sen ýagşy bilýänsiň. Özüň näme etmelidigini aýtgyn» diýdi. Guzuçy aýtdy: «Maslahat şeýle: men öňürti baryp, ilden seniň adyňdan ötünç soraýyn: «Aly han ogluny urdy we elini-aýagyny baglap, size, halkyň ygtyýaryna iberdi, näme etmelidigini halkyň özi ýagşy biler diýip şeýle etdi. Men, ine, şuny aýdaryn diýip öňürti geldim. Ol meniň yzymdan, tiz geler» diýeýin. Sen ähli goşunyňy ogluňa berip, meniň yzymdan iber. Men olary söz bilen güýmäp durýan wagtymda, Şa Mälik baryp, ýagşylaryny tutup öldürsin, goý, ýamanlaryny siziň hökümiňize tabyn bolsunlar». Aly han hem bu işi makullap, etmekçi boldy.

**Oguz iliniň Aly hana ýagy bolup, Şa Mäligi öldürişiniň hem-de öý başyna Gara han bolup, dört tarapa gidişiniň beýany**

Indi, Şa Mälik gaçyp gaýdanyndan soň, oguz iliniň nämeler edenini aýdalyň. Ol wagtlar Ürgenç, Murgap, Tejende oturýan uly iliň begi oguzyň kaýy ilinden Kyrkut diýen adamdy. Il içinde jynly bir adam bardy, oňa Miran kähin diýýärdiler. Kyrkut beg ony çagyryp şeýle diýdi: «Şa Mälik bilen Guzuçy beg bizden agyryp-ynjap, Aly hanyň ýanyna gaçyp gitdi. Indi, il bilen hanyň işleri neneň bolarka?». Miran kähin bir sagatlap sözlemän oturdy we soň: «Tiz oguz iliniň içinde uruş bolup, gyzyl gan gara suw dek akyp başlar. Aly han tiz öler. Onuň ýerine başga bir kişi patyşa bolar» diýdi.
Bu söz tamam boldy. Indi, özge bir sözi aýdalyň. Bir kişi bardy, ady Togurmyş bolup, atasynyň ady Keranja hojady, özi kaýy ilinden bolup, öý ýasap ýören garyp bir adamdy.
Bu wakalardan köp ýyllar ozal, Togurmyş bir gije ýatan mahaly düýş gördi, kükreginden üç agaç gögerip belent ösenmiş, haçan-da şahalanyp, ýapraklan mahaly ol oýanypdyr. Ertir turup, baryp bu düýşi Miran kähine aýtdy. Ol diýdi: «Bu gören düýşüňi hiç kime aýtmagyn, ýagşy düýş ekeni».

Togurmyşyň üç ogly bardy, her oglunyň başyndan hudaý ýoluna bir goýun soýup, bişirip, halka berdi. Uly oglunyň ady Tukat, ortanjysynyň ady Togrul, kiçisiniň ady Arslandy. Olar Kyrkut bege garyndaşdylar. Üçüsi mergen we batyr erdiler. Kyrkut beg Togruly onbegi belledi. Şol sebäpli ony Togrul onbegi diýip atlandyrýarlar.
Indi, Şa Mäligi aýdalyň Guzuçy beg Aly hana: «Şa Mäligi meniň yzymdan ugratgyn!» diýip Ýaňykentden gidip, Ürgençde oturan iliň içine geldi. Ol wagtda halk Togrulyň agzyna garap başlapdy. Togrul Guzuça: «Sözüň dogrusyny aýtgyn, ýogsa, gojalan wagtyňda essiň gidip, kynçylyklaryň astyna düşüp ölersiň» diýdi. Ol gorkusyndan dogrusyny aýtdy. Guzuçyny daňyp goýdylar. Barça illere adam ýolladylar. On alty müň adam gelip ýygnandy. Şa Mäligiň gelýän ýoluna çykyp, Kyrkut beg sekiz müň adam bilen ýoluň bir ýakasynda durup, Togrul beg sekiz mûň adam bilen ýoluň beýleki bir ýakasynda durup garaşdylar. Ýene uzaklara garawul goýdular.
Bir gün garawul: «Gelýär!» diýip habar berdi. Atlanyp ýoluň iki tarapyny alyp durdylar. Şa Mäligiň goşuny ýigrimi müň adamdy. Ýary geçiberenden iki tarapdan at saldylar. Uly uruş boldy. Togrul üstün geldi. Şa Mäligi tutup öldürdiler, beglerini hem öldürdiler. Aly bu habary eşidenden soň, tiz ölüp gitdi.
Oguz ili bir-biri bilen öçli hem ganly boldy. «Öý başyna gara han» diýleni boldy. Biri-birini çapdy, bir-birini öldürdi. Kylyk beg, Gazan beg, Garaman beg baştutanlygynda iliň köpüsi Maňgyşlaga gitdiler. Olaryň içinde her bir ilden adamlar bardy. Emma köpüsi eýmirdi, düzkerdi, igdirdi, jawuldyrdy, garkyndy, salyrdy, agarlydy.
Alyjak begiň oglanlary baş bolup, iliň birnäçesi Hasar dagyna gitdiler. Ýazyr ili Horasana baryp, Durun töwereginde köp ýyllap oturdy. Şol sebäpden Duruna «Ýazyr ýurdy» diýerler. Ýazyr iliniň birnäçesi Durun dagynda dag içinde daýhançylyk edip gezdiler. Bu wagtda olara «garadaşly» diýýärler.
Ýene salyr ilinden Diňli begiň başlyklygynda on müň öýli Horasana bardylar. Ýene köp ýyllar onda oturdylar. Soňra ondan göçüp, Yraga we Parsa bardylar hem-de şol ýerde watan tutup galdylar.
Kynyk urugyndan Soltan Sanjar mazynyň atasy Soltan Mälik şa baryp, Yrak we Parsy alyp, Yspyhany paýtagt edinip oturan wagtynda salyr ili Diňli begiň özüniň hem ozal baran jemagatynyň nesillerinden birnäçe adamlar gelip, soltana nöker bolup arz etdiler: «Biz oguz ili, salyr halkyndan bolarys. Uly atalarymyz Türküstandan gelipdirler» diýip, garyndaşdyklaryny mälim etdiler.
Şol salyrlardan birnäçesi Yrakdan gaýdyp, Maňgyşlaga geldiler. Olaryň niçik gelendiklerini taňrym buýursa, aýdyp bereýin.
Ozalky öten halk şeýle aýdypdyr: «Oguz iliniň göçüni çekip ýöremedik ýoly

barmy, öý tutup oturmadyk ýurdy barmy?»

**Togurmyşyň ogly Togrulyň han bolmagynyň beýany**

Oguz iliniň Şa Mälik dargadylandan soň gitmän, Syr derýasynyň aýagyna, Amynyň boýynda oturyp galanlary Togurmyşyň ogly Togruly han göterdiler. Ol ýigrimi ýyl patyşalyk edip aradan çykdy.

Ondan soň Togurmyşyň kiçi ogly Arslany han göterdiler

Ol hem on bäş ýyl patyşalyk edip, gidenleriň yzy bilen gitdi. Soňra onuň ogly Asylzadany han göterdiler.
Ol hem ýigrimi ýyllap dünýälik şerabyna esräp gezdi, esrikliginden huşundan gitdi. Soňra gözüni açyp garady, gördi, uly atalarynyň gaşynda ýatypdyr. Onuň bir ogly bardy. Ol oglana uly atasynyň adyny dakypdyr. Arslan diýipdirler.

Arslany han göterdiler

Ol hem on ýyl atasynyň ýerinde oturyp, ýogaldy. Ondan iki sany ýaş oglan galdy. Ulusynyň ady Gögüm Bakuý, kiçisiniň ady Sereň.

Gögüm Bakuýy patyşa etdiler

Ol heniz juda kiçijikdi, ýagşy-ýamany bilenokdy. Ol zamanlarda oguz iliniň bir ýagysy bardy, ady Karaşytdy. Ol Arslan hanyň ölenini, ondan ýaş oglanlaryň galanyny we olaryň patyşalyk edip bilmän, oguz iliniň agzy ala bolup duranyny eşidip atlandy. Soňra gelip, Arslan hanyň ordasyny we begleriň öýlerini çapdy. Gögüm Bakuýy atyň öňüne salyp, alyp gaçdylar. Ol wagt Sereň heniz sallançakda-dy. Ony ýagy olja edip, alyp gitdi. Ondan soň köp begler ötdi. Sereň ýigit çykandan soň «Men gaçyp bilmeýärin» diýip, agasy Gögüm Bakuýa adam iberdi. Muny eşidip Gögüm Bakuý ähli Oguz iliniň goşunyny alyp bardy. Karaşyty çapyp, inisi Sereňi alyp, aman-esen öýüne dolanyp geldi. Gögüm-Bakuý ýigrimi ýyl patyşalyk edip, aradan çykdy.

**Arslanyň ogly Sereňiň han bolmagynyň beýany**

Gögüm Bakuý ölenden soň, onuň inisi Sereňi patyşa göterdiler. Ol hem on ýyl patyşalyk edip, atasynyň yzyndan gitdi. Ondan soň oguz ilinden patyşa bolan Kynyk urugyndan Seljuk baýyň baştutanlygynda köp il göçüp, Syrderýa

boýundaky Hojant şäherine geldiler. Onda köp ýyllar oturyp, Nur welaýatyna bardylar. Onda ýüz ýyl oturyp, soň göçüp Ürgenje gitdiler. Ürgençde oturyp bilmän, göçüp Horasana geçdiler. Olar şol ýerde Marydan Abulhan arasyna çenli oturdylar.
Ol wagtlarda Horasan ýurdy Soltan Mahmyt Gaznawynyň nesilleriniň elindedi. Olaryň döwletleriniň käseleri dolup döküleýin diýip duran wagty-dy. Seljuklar Maru-şahu-jan şäherini alyp, Togrul begi patyşa göterdiler. Alp Arslan, Soltan Mälik şa we Sanjar mazy—bular şol jemagatdan bolarlar. Ol patyşalaryň taryhyny biziň aýtmagymyza zerurlyk görmeýärin. Bizden ozalky ötenler ol patyşalaryň ata-baba gelip çykyşlaryny beýan etmek üçin köp kitaplar ýazypdyrlar. Ol kitaplaryň hasabyny Alla tagala ýagşy bilýändir. Seljuklar türkmen bolup, garyndaşymyz diýip ile we halka peýdasy degmedi. Patyşa bolýançalar: «Biz türkmeniň kynyk urugyndandyrys» diýdiler. Emma patyşa bolanlaryndan soň: «Afrasiýabyň bir ogly Keýhusrowdan gaçyp, türkmeniň kynyk urugynyň içine baryp, şonda ösüp galypdyr, biz onuň oglanlary we Afrasiýabyň neslinden bolarys» diýip, atlaryny sanap otuz bäşinji arkada eltip, Afrasiýaba ýetirdiler.
Oguz ili Gögüm Bakuý bilen Sereňden soň özbaşyna patyşa göterip oturyp bilmediler. Oguz illeriniň Maňgyşlakda we Abulhanda oturanlary ýagdaýa görä, Ürgençde kim patyşa bolsa, şoňa tabyn boldular. Mawerannahrda we beýleki ýurtlarda oturanlary hem şonuň ýaly edip ýaşadylar.

## Salyr Ugurjyk alpyň atalarynyň inileriniň hem oglanlarynyň beýany

Şa Mäligiň dargadylan wagty Diňli begiň başlyklygynda Yraga baran Salyr ili köp ýyllar şonda oturandan soň, olaryň içinde Ugurjyk atly bir dogumly ýigit peýda boldy. Türkmenleriň içindäki taryhy ýagşy bilýän adamlary Ugurjyk alpy on alty arkada eltip, Oguz hana ýetirýärler. Olar, ine, ine şanaýarlar: Ugurjyk alpyň atasy Gara gazy beg, onuň atasy Karaj, onuň atasy Benam gazy, onuň atasy Burujy gazy, onuň atasy Kylal gazy, onuň atasy Ynal gazy, onuň atasy Süleýman gazy, onuň atasy Haýdar gazy, onuň atasy Ötkürli, onuň atasy Gazan alp, onuň atasy Eňeş, onuň atasy Ender, onuň atasy Ata, onuň atasy Leýmir, onuň atasy Salyr, onuň atasy Dag han, onuň atasy Oguz han.
Bu söz durşy bilen ýalňyşdyr. Onuň sebäbi, Oguzyň zamanyndan tä şu wagta çenli bäş müň ýyl geçipdir. Ugurjyk zamanyndan zamanyndan tä şu wagta çenli bäş alty ýüz ýyl bolýar. Oguz bilen Ugurjygyň arasy bolsa dört müň dört ýüz ýyldyr. On alty arka diýilýän dört ýüz ýylda, her näçe köp bolanda-da, dört ýüz elli ýylda geçer. Şeýle bolsa, Ugurjygyň dört müň ýylda öten atalarynyň

ady niredemiş? Bu ýazylan öň alty adamyň Oguzyň oglanlarydygy, bar, dogry diýeli. Ugurjygyň atalarydygy hem, bar, dogry diýeli. Ýöne il içinde haýsy adam meşhur bolsa, onuň adyny ýazyp, beýleki, beýleki meşhur däl adamlary bolsa ýazmaýarlar. Bu ýazylan adamlaryň her haýsysynyň arasynda on bäş ýa-da ýigrimi adamynyň ady ýazylman galan bolsa, ony Hudaý bilsin. Şonuň üçin hem men Oguz bilen Ugurjygyň arasynda dört müň dört ýüz ýyl geçipdir diýip aýdyp otyryn.
Her müň ýylda kyrk arka ötse gerek, diýmek, iki ýüz arka öten bolup çykýar. Bolmasa, ýalňyş diýilýän zat başga nähili bolup biler? Bu pelegiň gerdişiniň nemerselerini unutmadyklar üçin, bu hasaplar onuň ýanynda aňsatdyr. Bu sözleriň ýalňyşlygyna delil beriji ýene bir zat—Salyr Gazany alty arka ötürip, ýedilenji arkada Oguz hana eltip goýýarlar.
Indi bu sözi okan ýa-da diňlän kişiler, siz ýagşy oýlap görüň: «Oguz han biziň pygamberimizden dört müň ýyl ozal ötüp gidipdir. Gazan alp biziň pygamberimizden üç ýüz ýyl soň bolupdy. Garrygan çaglarynda Mekgä baryp, hajy bolup geldi. Ýogsam, Salyr Gazan alty arkada Oguz hana nädip ýeter? Galyberse-de, Salyr Gazan kaýyly Gorkut ata bilen bir zamanda ýaşapdy. Gorkut atanyň Salyr Gazan Alpy taryplap aýdan tartymy—şygry, ine, şudur:

Kazygurt dagdan önker, daşny ýugarlatdy,
Salyr Gazan ötri baryp garbap tutdy,
It-beçene görüp any, essi gitdi,
Alplar, begler, gören barmy Gazan kibi?

Bir gazanga kyrk bir atyň etin saldy,
Ol gazanny sol eliki bilen aldy,
Sag eliki birlen ilge üleşdirdi,
Alplar, begler, gören barmy Gazan kibi?

Gök asmandan inip geldi tinli ýylan,
Her adamny ýutar erdi görgen zaman,
Salyr Gazan başyn kesdi bermeý aman,
Alplar, begler, gören barmy Gazan kibi?

Otuz kyrk müň leşger birlen Gazan baryp,
It-Beçene illerini geldi gyryp,
Bir niçesi gutuldylar köp ýalbaryp,
Alplar, begler, gören barmy Gazan kibi?

Türk-u türkmen, arap, ajam—raýatlar,
Gazan kyldy musulmanlyga terbiýetler,
Kapyrlarny gyrdy oşol köp pursatlar,
Alplar, begler, gören barmy Gazan kibi?

Andan hünär göterdiler barça uly,
Bagzylarga orun berdi sagly-solly,
Bize boldy kamug ilniň orny diýdi,
Alplar, begler, gören barmy Gazan kibi?

Saýýah Gorkut öler bolduň imdi, bilgil,
Ol Gazanyň döwletine doga kylgyl,
Kerwen gitdi, köp giç galdyň, ýolga girgil,
Alplar, begler, gören barmy Gazan kibi?

Indi, Ugurjygyň gürrüňini edeliň. Şol wagtlar Yragyň güýçli halky baýyndyr ilidi. Ugurjyk alp baýyndyr beginiň hökümini tutmady. Şol sebäpli Baýyndyr beginiň Ugurjyk alp bilen arasy bozuldy. Ýöne Ugurjygyň baýyndyr ili bilen uruşmaga güýç-kuwwaty ýokdy. Şoňa görä-de ol müň öýli ili bilen bilen Yrakdan gaçyp, Şemaha geldi. Dokuz ýüz öýlüsi salyr, ýüz öýlüsi hem garkyndy. Ol ýerde oturjak boldy, ýöne ýene baýyndyr ilinden gorkup, Kryma geldi. Ondan hem göçüp, Itil suwundan geçdi we Ýaýyk derýasynyň boýuna geldi.
Ol wagtda Alageň we Garagaş diýen ýerde kangly halky oturardy. Olaryň hanlaryň adyna Gök donly diýerdiler. Onuň ýanyna gelip, birnäçe ýyllap oturdy. Ahyrsoňunda, onuň bilen hem arasy bozulyp göçdi. Gök donly olaryň yzyndan ýetip, ýedi ýüz öýlüsini alyp galdy. Ol üç ýüz öýlüsi bilen gaçyp, Maňgyşlaga berdy we Garahan diýen ýerde üç ýyl oturdy. Gök donly Ugurjygyň nirä gidenini bilenokdy. Üç ýyldan soň eşidip, oňa tarap atlandy. Onuň atlananyny eşidip, Ugurjyk ili bilen gaçyp, Abulhan (häzirki Balkan) dagyna bardy. Şol wagt Ugurjyk şu tartymy aýtdy:

Döndüm gaçyp kangly handan kybla sürdüm,
Kyr, ýol aşyp, gelgen är öňünden döndüm,
Kar(çy)larga, ýerçi(ler)ge ýol başlatdym,
Gaýly, garly iki gola ýol ýumşatdym.

Arkyt-arkyt kyrlarga turjem saldym,

Art öňümge bizge salyp, göçüm tartdym,
Gyr atymda (dag) ýolundan aşyp bardym,
Gabaklydan Altja ýurt ýurtlatdym.

Gürrüldeşip ardymdan ýagy ýetdi(se),
Gaýky başly gaty ýaýga iş buýurdym,
Ganly, iriňli gaýyň oka gan ýürgütdim,
Çapsa keser gurç poladga tug baglatdym.

Gyljym syryp, bil ekşemde kuýy gazdym,
Awa gyşlap, gyr(da) ýaýlap, Balkan aşdym,
Egse ýasyn Gara daga ugrap geldim,
Kanky goruh toý tutmady anda boldum,
Altyn gözli towuşganyn getirdi diýip,
Gaz aýagy—üç aýry tamga berdim.

Gara gazy begiň dört ogly bardy: ilkinjisi Ugurjyk alp, ikinjisi Söwerjik, Üçünjisi Doduk, dördünjisi Gubajyk. Bu dördüsiniň oglanlarynyda hudaý ýol berse, ýeke-ýeke aýdalyň.
Ugurjygyň alty ogly bardy. Her ikisi bir ekizdi, üç gezek bir-biriniň yzyndan ekiz bolupdy. Atlary şular:
Berdi, Buka—bir ekiz; Owsar we Köwser—bir ekiz; Ýaýçy we Diňli—bir ekiz.
Berdiniň iki ogly bardy. Biriniň ady Gulmy we beýlekisiniň ady Gulhajy.
Gulmynyň oglanlary Ýomut we Gultak ilidir.
Ýomudyň iki ogly bardy: biriniň ady Özli Teýmir, beýlekisiniň ady Gutly Teýmirdi. Özli Teýmiriň üç ogly bardy. Atlary şular: Isa, Musa, Bahramşa.
Gutly Teýmiriň üç ogly bardy. Atlary şular: Juny, Şiran, Gojuk.
Gulhajynyň ogly Ärsary baý. Onuň üç ogly bardy: Ynal gazy, Zeýnal gazy, Mustapa gazy. Ynal gazynyň iki ogly bardy: biriniň ady Töre, beýlekisiniň ady Sokman. Laýna we Çarşangy—bu ikisiniň oglanlary bolmady. Zeýnal gazynyň oglanlary—Gara we Bekewül. Mustapa gazynyň oglanlary—Uly tüpe we Güneş.
Buka oglanlary içki salyrlardyr.
Başga bir kitapda şeýle ýazylypdyr: Salyr ilinde Eňeş atly bir adam bardy. Aýalynyň ady Jäjekli, oglynyň ady Gazandy. Salyr Gazan alp diýilýän şol adam bolmaly.
Şol döwürde beçene iliniň Doýmadyk atly bir patyşasy bardy. Ol gelip, Eňeşiň

öýüni talap Jäjeklini ýesir edip, alyp gitdi.
Üç ýyldan soň Eňeş mal berip, ony yzyna aldy. Jäjekli öýüne gelenden alty aý soň yzyna aldy. Jäjekli öýüne gelenden alty aý soň ogul tapdy. Gazan alp: «Bu oglany nireden aldyň?» diýip, enesini agaç bilen urup, başyny ýardy. Jäjekli aýtdy:

«Ýagy geldi garalyp,
Gaçyp gitdiň bozaryp,
Düýä münüp, yzyňdan barýardym,
Gabaryp It-beçene yzymdan ýetdi.
Dünýäniň başyn tutdy.
Içi gaýnady, daşy ýaýnady,
Üstüme münüp oýnady,
Ygtyýarymy aldy,
Bu oglany içime saldy,»

Ol oglan «It beçene ilinden boldy» diýip adyna Irek goýdular. Türkleriň arasynda itiň adyna «irek, sirek» goýmak däbi bar.
Iregiň Arykly diýen ogly bardy. Içki salyrlar Aryklynyň oglanlary diýýärler. Ol wagtlar biz ýokduk, çyndygyny ýa ýalandygyny hudaýyň özi gowy bilýär. Eger ýalan bolsa, günäsi öňki aýdanlaryň boýnuna.
Owsaryň bir ogly bardy ady Gullydy.
Owsaryň oglanlary teräkeme salyrlardyr. Diňliniň oglanlary jaby halkydyr. Ýaýçynyň oglanlary şu wagtlar Amyderýanyň ýakasynda Garagulyň ýakynynda oturýarlar. Şu günler hem olara Ýaýçy diýýärler. Ögürjigiň bäş oglunyň neslini beýan etdik. Emma Kowsar atly oglundan nesil galany (bize) belli däl.
Indi, Ugurjygyň inileriniň neslini beýan edeliň. Söwerjigiň Hurşyt diýen bir ogly bardy. Hurşydyň oglanlary olam ürgençli ilidir. Azlar urugy—Dodugyň nesli, sakar ili bolsa, Gubajygyň neslidir. Ugurjygyň inileriniň hem oglanlarynyň neslini aýtdyk.Indi, beýleki iller hakda aýdalyň. Agar we aýmakly ili Oguz hanyň ogly Gün hanyň weziri bolan uýgur Arkyl hojanyň oglanlarydyr.
Ýemreli halkynyň asly şeýle: Maňgyşlakda içki salyrdan bir adam içki salyry öldürip, gaçyp Durunda oturan salyr iliniň arasyna gelipdir. Şolardan bir gyz alyp, şol ýerde hem galypdyr. Ähli ýemreli halky şol adamyň oglanlarydyr.
Burkaz halkynyň asly şeýle: Salyr ilinde Teýmir Tokly han diýen biri bardy. Ýene-de salyrlardan Ysyk Ysmaýyl diýen hem biri bardy. Ol bir gün bir ýerden gelýärdi. Teýmir Tokly hanyň öýüniň göçüp barýanyny gördi. Atdan

düşüp oturdy. Göç geçip gidenden soň: «Belkem, bir zat galandyr» diýip göç giden ýere bardy. Görse, ojagyň içinde bir oglanjyk ýatyr. Ol adamyň ogly ýokdy. Ony özüne ogullyk aldy hem adyna Burkaz goýdy. Ähli Burkaz ili onuň neslindenir.
Salyr ilinde Toýtutmaz diýen bir adam bardy. Teke hem Saryk şonuň oglanlarydyr.

**Soň türkmen bolup, türkmene goşulan illeriň beýany**

Ürgenç, Abulhan hem Maňgyşlak Özbek hanynyň adalatly ogly Janybeg hana degişli bolan wagtlary, Janybeg han türkmenleriň aýyplaşmalarynyň we günälileriniň işine seretmek üçin, uýgur Sanykly-Sin diýen birini olaryň arasyna iberdi. Ol gelip, bir ýyllap türkmenleriň arasynda oturdy. Nirede günäkär hem aýyply bar bolsa, olaryň işine seretdi. Nökeri hem gullary köpdi. Onuň Aýaz atly bir guly bardy, beýleki gullardan has tapawutlydy. Türkmeniň «başymdan ýa malymdan» diýip pikir eden günäkärleriniň hemmesi bir ýere jemlenip, Aýaza köp para berip: «Eger sen begiňi öldürseň, onuň bir ilden alan mallarynyň we öýden getiren goşlarynyň barjasyny saňa bereliň. Her haçan Janybeg han kişi iberip, seni dilese, biz halk bolup, barymyz, seniň üçin gyrylaly, ýogalaly. Seni tutup bermäli» diýdiler.
Aýaz köp mala hem bularyň şirin sözüne köňlüni berip, bir gije gapyl ýatanda Sanykly-Sini öldürdi. Emma hojaýynyň malyndan Aýaza bir owlak hem ýetmedi. Şol mallara kim ýakyn bolsa, şolar hem taladylar.
Sanykly-Siniň nökerleri Janybeg hanyň ýanyna gitdiler. Aýaz gorkusyndan gidip bilmedi. Ol Abulhan dagynda oturan türkmenleriň arasynda galdy. Şol ýyl Janybeg han Itil derýasynyň ýakynynda Saraý şäherinde hak rehmetine gitdi. Ähli eski halky şol Aýazyň oglanlarydyr.
Salyr ilinden Abulhanda Ärsary baý diýen biri bardy. Uzak ýaşan, döwletli hem musulmançylygyň kada-kanunlaryny saklamaga çalyşýan adamdy. Bu sözümize şeýle delil bar: Şol wagtlar Ürgençde Şerep atly bir hormatlanýan adam bardy. Ol şol ýeriň şyhy hem mollasydy.
Ärsary baý baryp, şol şyha kyrk düýe aýdanyny berdi hem-de toba edip, ýalbardy: «Bize—türki halka arapça kitaplary okap, manysyna düşünip, türki dile terjime edip, ýagşylyk etseňiz, sowap gazanardyňyz». Şondan soň şyh Şerep hoja ençeme dini meseleleri terjime edip, bir kitap görnüşinde ýygnady hem oňa: «Moin ul Murid» diýen at goýup, Ärsary baýa berdi. Şol wagtdan häzirki döwre çenli türkmenler şol kitabyň meseleleri boýunça amal edýärler.
Şol döwürde Eýran patyşasy Horasany Koma beg diýen birine beripdi. Ol Horasana gelenden soň: «Abulhanda Ärsary baýyň Mama atly görmegeý,

gowy gyzy bar» diýip eşitdi. Sawçy iberip: «Köp mal bereýin» diýip söz aýtdyrdy. Baý bermedi. Bermejegini bilenden soň, Koma beg uly goşun bilen atlanyp, Abulhanda Düker diýen guýuda Ärsary baýy öldürip şehit etdi. Onuň ilini talap, Mama bikäni äkidip, nikalap, köp ýyllar saklady. Emma Mama bikeden çaga bolmady. Şol sebäpden Ärsary baýyň oglanlaryna: «Garyndaşlaryny äkitsinler!» diýip adam iberdi.
Bular Gutlak Garaja mergen diýen birini iberdiler. Koma beg Mama bikä köp mal berip, ony Garaja Mergene tabşyryp ýola saldy.
Bir öýli-işikli gul hem berdi. Ol guluň dört ogly bilen iki gyzy bardy. Uly oglynyň ady Aly, üçünji oglynyň ady Igbeg we dördünji oglunyň ady Kaşgady. Mama bike garrandan soň, mallarynyň barysyny hudaý ýoluna berdi.
Koma begiň oňa beren gulunyň özi hem aýaly ýogalypdy. Mama bike ol guluň dört ogluny we iki gyzyny azat etdi. Olaryň dördüsi-de öýli-işikli hem köp mally kethudalar bolup, hersi bir ýerde oturdylar. Hydyr çory Amyderýanyň ýakasynda Kurtyş diýen ýerde ekin ekip, mal bakyp, uly baý boldy.
Ol wagtlar özbege mogol diýerdiler. Dört mogol gelip, Hydyr çora batrak bolup, mallaryny bakdy. Ondan soň alty salyr gelip, batrak boldy. Olaryň hemmesi döwletli boldular. Töwerek-daşdan aç, hor, tozan, talanan adamlar gelip, bulara goşulyp oturdylar. Şeýdip, olar köp il boldylar.
Olaryň ýurtlarynyň ýokarysy Ton gyry we aýagy Garry geçitdi. Kim olardan: «Siz nä halk?» diýip sorasa, olar: «Hydyr baýyň adamlary biz» diýerdiler. Hydyr iliniň kütler diýen bir urugy bar. Olar Hydyr çorynyň neslindendir.
Indi, Hydyryň inisi Aly hakda aýdalyň. Aly çory hem agasy ýaly Amyderýanyň ýakasynda ýurt tutup oturdy, döwletli boldy. Özbegiň we türkmeniň pahyry hem misgini onuň ýanynda oturdylar. Olaryň hemmesine «Aly ili» diýdiler. Aliliniň mogoljyklar diýen urugy bar, şolar Aly çorynyň neslinden bolmaly. Olaryň ýurdy Amyderýanyň iki tarapynda, ýokarsy Garry geçit, aýagy Aktam.
Üçünji inisi Igbeg azat bolandan soň, Ärsary begiň oglanlarynyň ýanyndan aýrylyp, başga ýere gitmedi. Onuň oglanlaryna «gullar» diýdiler. Olar hem iki bölek boldular: birine ýöne «gullar», beýlekisine bolsa «jagataý gullary» diýýärler. Jagataý diýilmeginiň sebäbi şeýle: «Horasan Teýmirleňiň nesilleriniň golundaky uly tüpe halky Abulhanda, Amyderýanyň ýakasynda oturar ekenler. Bir gün Amyderýanyň kybla tarapyndan bir bölek atly adam gelip: «Meni derýadan geçiriň!» diýip gygyrypdyr. Uly tüpeler gämi iberip, ony suwdan geçirip: «Sen kim bolarsyň, özüň nireden gelýärsiň?!» diýip sorapdyrlar. Ol ýigit şeýle diýipdir: «Jagataýyň arlat diýen urugyndan bolar men. Bir gün Horasanyň Durun diýen welaýatynda birnäçe ýigitler bilen

şerap içişip otyrdyk. Aramyzda bir ýagşy adam bardy, ol meniň bilen uruşdy. Men ony pyçakladym. Ol adam şol pursat öldi. Gije mahalydy. Ölen bendäniň garyndaşlary habardar bolmazyndan öň gaçyp, siziň halkyňyzyň içine gelip duruşym». Ol ýene köp ýyllar uly tüpe halkynyň içinde ýaşady. Hiç kişi oňa gyz bermedi. Ahyrda Igbeg çorynyň oglanlarynyň birisi oňa gyzyny berdi. Şondan doganlara «jagataý gullar» diýdiler.

Dördünji—Kaşga çory. Ol hem Amyderýanyň ýakasynda, Ajy deňziň ýakynynda ýurt tutup oturdy. Onuň oglanlaryna «Gara öýlüler» diýdiler. Uly agalary ýaly döwletli bolup, munuň ýanyna hiç kişi gelip goşulmady. Sebäbi onuň oturan ýeri ýaman bir ýurtdy, ekin eker ýaly ýeri ýokdy, mal otlar ýaly oty hem azdy.

Saýyn han öwladynyň içinde Özbekhan, aleýhirrahma, ilki musulman adamdy. Ol itil derýasynyň ýakasynda, Saraý şäherinde wepat bolupdy. Ol Janybeg han atasynyň tagtyna çykyp oturdy. Ürgençde we bir başy—Gargaly ilinde we aýagy—Astrabada çenli aralykda oturýan türkmen Janybeg hana degişli boldy. Hana: «Abulhan daglary düýe köpeltmek üçin ajaýyp bir ýagşy ýerdir» diýdiler. Şu sebäpden Janybeg han otuz öýli düýe çopanyny göçürip, Abulhan dagyna iberdi. Onuň içinde her urugdan adam bardy. Barçalara mälim bolşy ýaly, patyşalaryň hyzmatynda her taýpadan adamlar saklanýardy. Ol gidenler hem şular ýaly adamlardandy.

Janybeg hanyň bir adamy Abulhan türkmenleriniň içine gelip, her ýylda almaly mallaryny alyp, köp düýeleri ýaňky aýdylan otuz öýli düýe çopanlaryna tabşyrdy we gaýtdy. Tä Janybeg han ölýänçä, olar Abulhanda oturdylar. Şolara «Düýeçiler» diýdiler. Janybeg han hem soňra hak rehmetine gitdi we ogly Berdi beg onuň ornuna han boldy. Onuň zamanynda-da düýeçiler şu hanlyk düýeleri bakyp ýördiler. Berdi beg han ölenden soň özbegiň içi bozulyp başlady. Bu ýagdaýy Abulhandaky türkmenler eşidip, hanlyk düýeleri talap aldylar, düýeçileriň özlerini bolsa çapdylar. Ondan soň düýeçiler açlyk sebäbinden: «Balyk awlarys» diýip, Kaşga çorynyň oglanlary bolan Gara öýlüleriň ýanyna baryp oturdylar

Birnäçe ýyldan soň düýeçiler artyp, köp halk boldular. Olaryň ýurtlarynyň ýokarysy Aktam, aýagy Ugurça boldy. Gara öýlüler düýeçileriň içinde köp arka oturdylar. Olardan Halyl atly bir dogumly ýigit peýda boldy. Ol wagtda Gara öýlüler garyp bolup galypdylar. Ol sebäpden Halylyň baştutanlygynda hemmesi Ärsary halkynyň onbegi we ýagşylarynyň ýanyna gelip, şeýle diýdiler: «Özüňiziň hyzmatkärleriňiz bolupdyk, indi köp aç we hor düşüp galdyk. Sizden haýyşymyz şudur: Uly Abulhan we Kiçi Abulhan dagynyň guşlaryny, ekin ekilýän meýdanlaryny hem çeşmelerini bize berseňiz. Siz

näme talap etseňiz, ony biz size bereliň». Ärsarynyň ýagşylary ýygnanyşyp oturyp aýtdylar: «Uly atamyz Ärsary baýyň satyn alan Uly Abulhanda alty sany akar çeşme, on höwürtde laçyn we öň sekiz höwürtge ütelgi hem-de Kiçi Abulhanda dört höwürtge laçyn we alty höwürtge ütegli bardyr. Çeşmelerden hem näçeräk azyklyk galla gurmak üçin iki müň gamyş beriň! On uly laçyn we dört çory laçyn hem-de on sekiz uly ütegli we alty saryja her ýylda getirip beriň!» diýdiler.
Gara öýli Halyl kabul etdi hem ýene aýtdy: «Biziň guşlary tutar ýaly, urar ýaly hiç zadymyz ýok, azygymyz hem ýok». Onbegi we onuň ýagşy adamlary illeren ýygnap, ýüp işdirip, olara ýüz gulaç ýüp, alty owlakly geçi, iki tulum gatyk we bir eşek berdiler.
Olar köp ýyllap bu aýdylan zatlary berip durdular. Bu wagtda olara «Dag saklary» (Dagly Sakarlar) diýýärler. Çünki olar Kaşga çorynyň oglanlary bolup durýarlar. Kaşga bilen sakaryň manysy bir bolar.

## Oguz iline beglik eden gyzlaryň beýany

Türkmeniň taryhyny bilýän ýagşylary hem bagşylary aýdýarlar: ýedi gyz ähli oguz illerini öz agzyna garadyp, köp ýyllap beglik etdiler. Olaryň birisi Altyn Gözgürdir. Ol Sundun baýyň gyzy bolup, Salyr Gazan alpyň aýaly. Boýy uzyn bolupdyr.
Ikinjisi Karmyş baýyň gyzy we Mamyş begiň aýaly Barçyn Salyr. Onuň gabry Syrderýasynyň ýakasynda bolar we halk içinde meşhur. Özbekler oňa «Barçanyň Gök kaşanasy» diýýärler. Nagyşlanan syrçaly örän owadan gümmezdir.
Üçünjisi Kaýy baýyň gyzy hem Çawuldyr Bala alpyň aýaly Şabaty hanymdyr.
Dördünjisi Kondy baýyň gyzy Byýaken alpyň aýaly Günin görkli diýen gyzdy.
Bäşinjisi ýumak baýyň gyzy, Karkyn Gonak alpyň aýaly, ýene-de bir Günin görklidi. Altynjysy Alp Arslanyň gyzy, Kestan Gara Alpyň aýaly Gerçe bolady hanymdy.
Ýedinjisi bolsa Kynyk baýyň gyzy Dodal baýyň ogly Kymajyň aýaly Kugadly hanymdy.
Taryh müň ýene ýetmiş birde (1071 ý. hijri-kamary — 1661 ý. milady) Horezm ülkesinde ýazylyp gutaryldy.
Soňy, kitap gutardy.

**Mazmuny**

Türkmenleriň nesil daragty

Adam aleýhissalamyň beýany
Oguz hanyň dünýä inmeginiň beýan

Oguz hanyň han bolanynyň beýany

Oguz hanyň Turan we Hindistana ýörişiniň beýany

Oguz hanyň Eýran, Şam we Müsüre ýörişiniň beýany

Oguz hanyň öz ýurduna gelip, toý tutuşynyň beýany

Oguz hanyň ogly Gün hanyň patyşalygynň beýany

Oguz hanyň oglanlarynyň hem nebereleriniň atlarynyň beýany
On iki ýüzlük hem ýigrimi dört aýmagyň manysynyň beýany

Oguz hanyň nebereleriniň atlarynyň manysy hem-de tagmalary bilen guşlarynyň beýany

Oguz iliniň äht etmeginiň beýany
Gün hanyň uly ogly Kaýynyň han bolmagynyň beýany

Bakuýyň han bolmagynyň beýany

Oguz iliniň ýurtlary, onda näçe ýyl nähili oturandyklaryny hem näme üçin «türkmen» diýip at goýlandygynyň beýany

Ynal ýawynyň han bolmagynyň beýany
Doýly kaýynyň inisi Erkiniň patyşa bolmagy we onuň ogly Dumanyň dünýä inmeginiň beýany

Dumanyň oglynyň bolmagy, oňa Mur «ýawly» diýip at dakmaklary we ýigit çykandan soň, oňa «Ganly ýawly» diýip at goýmaklarynyň beýany

Dumanyň han bolmagynyň beýany

Ganly Ýawlynyň han bolmagynyň beýany

Mur ýawynyň han bolmagynyň beýany

Mur ýawynyň ogly Gara hanyň han bolmagynyň beýany

Bugranyň han bolmagynyň beýany

Bugra hanyň ogly Guzy tegniň han bolmagynyň beýany
Guzy teginiň ogly Arslanyň han bolmagynyň beýany
Bugra hanyň ogly Il tegin we onuň ogly Osmanyň han bolmagynyň beýany

Il teginiň ogly Esliniň han bolmagynyň beýany

Esliniň ogly Şabanyň han bolmagynyň beýany
Şabanyň ogly Boranyň han bolmagynyň beýany

Alynyň han bolmagynyň beýany

Oguz iliniň Aly hana ýagy bolup, Şa Mäligi öldürişiniň hem-de öý başyna Gara han bolup, dört tarapa gidişiniň beýany

Togurmyşyň ogly Togrulyň han bolmagynyň beýany

Ondan soň Togurmyşyň kiçi ogly Arslany han göterdiler

Arslany han göterdiler

Gögüm Bakuýy patyşa etdiler

Arslanyň ogly Sereňiň han bolmagynyň beýany

Salyr Ugurjyk alpyň atalarynyň inileriniň hem oglanlarynyň beýany

Soň türkmen bolup, türkmene goşulan illeriň beýany

Oguz iline beglik eden gyzlaryň beýany